TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– AŞGABAT ÖZÜNIŇ BELENT DEREJESINE LAÝYKLYKDA, ÄHLI BABATDA, ŞOL SANDA ÖŇDEBARYJY SANLY TEHNOLOGIÝALARY, BEZEGI, EKOLOGIK UGURLARY BOÝUNÇA NUSGALYK ŞÄHER BOLMALYDYR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN
11-nji noýabr, 2022. Belgisi 45/1507




# AŞGABAT ÖSÜŞIŇ NUSGALYK MERKEZINE ÖWRÜLÝÄR

***9-njy noýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň gatnaşmagynda paýtagtymyzyň günorta böleginde sil suwlaryny sowujy desgalar toplumyny ulanmaga bermek dabarasy boldy.***

Hormatly Prezidentimizi Hökümet agzalary, Milli Geňeşiň, ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, paýtagtymyzyň häkimliginiň, jemgyýetçilik guramalarynyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ýolbaşçylary garşyladylar.

Döwlet Baştutanymyz açylyş dabarasy mynasybetli ýörite gurnalan mejlisler jaýyna barýar. Hormatly Prezidentimiz ýygnananlaryň öňünde çykyş edip, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe durmuşa geçirilýän milli maksatnamalaryň ýurdumyzyň hemmetaraplaýyn ösmegine kuwwatly itergi berýändigini nygtady. «Halkyň Arkadagly zamanasy» ýylynda Aşgabat şäherinde birnäçe önümçilik we medeni-durmuş maksatly binalardyr desgalary yzygiderli gurup ulanmaga berýäris. Şu gün hem paýtagtymyzyň günorta tarapynda gurlan sil suwlaryny sowujy desgalar toplumyny dabaraly ýagdaýda açyp, işe goýberýäris diýip, hormatly Prezidentimiz aýtdy.

Sil suwlaryny sowujy desgalar toplumynyň gurluşygy Russiýa Federasiýasynyň «Wozroždeniýe» önümçilik birleşigi» paýdarlar jemgyýeti tarapyndan ýerine ýetirildi. Bu döwrebap desgalar toplumynyň jemi uzynlygy 49 kilometre barabardyr. Sil suwlaryny sowujy desgalar toplumynyň gurluşygynda täze binagärlik hem-de inženerçilik çözgütleri, häzirki zaman sanly tehnologiýalary ulanyldy. Bu döwrebap desgalar toplumy suw saklaýjy açyk howuzlary, köprüleri, suw sorujy beketleri, 34 kilometrden gowrak beton bilen berkidilen kanallary, 8 kilometrden gowrak turba geçirijileri we beýleki inženerçilik ulgamlaryny öz içine alýar diýip, döwlet Baştutanymyz belledi.

Hormatly Prezidentimiz sil suwlaryny sowujy desgalar toplumynyň paýtagtymyzyň abadançylygyny üpjün etmekde möhüm orna eýe boljakdygyny nygtap, özboluşly binagärlik aýratynlygyna eýe bolan bu döwrebap desgalar toplumynyň uzak ýyllaryň dowamynda halkymyza netijeli hyzmat etjekdigine pugta ynam bildirdi.

Soňra Russiýa Federasiýasynyň «Wozroždeniýe» önümçilik birleşigi» paýdarlar jemgyýetiniň dolandyryjylar geňeşiniň başlygy I.Bukato hormatly Prezidentimizi hem-de dabara gatnaşyjylaryň ählisini bu şanly waka bilen tüýs ýürekden gutlap, şu gün Türkmenistanyň paýtagty ak mermerli Aşgabatda öz gerimi boýunça täsin sil suwlaryny sowujy desgalar toplumynyň açylýandygyny belledi. Bu taslama Russiýanyň «Sewkawgiprowodhoz» hem-de Türkmenistanyň «Türkmensuwylmytaslama» taslama institutlarynyň, Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrliginiň Seýsmiki durnukly gurluşyk ylmy-barlag institutynyň hünärmenleriniň bilelikdäki işleriniň netijesidir.

Türkmen we rus hünärmenleri örän giň gerimli işleri ýerine ýetirdiler. Bu işleriň deňi-taýynyň ýokdugy Russiýanyň hem-de Türkmenistanyň köp sanly ylmy bileleşikleri tarapyndan tassyklanyldy we deg şli güwänamalar bilen berkidildi. Rus holdinginiň ýolbaşçysynyň habar berşi ýaly, şeýle derejedäki desgada ilkinji gezek innowasion häsiýetli serişde ulanyldy. Ol korroziýa durnuklylygy netijesinde suw desgalaryny gurmak üçin örän amatlydyr. Bu toplumyň çäg niň giň bolandygy üçin geodezik usullarda uçarmansyz uçuş serişdesi – geodeziýa gözegçilig üçin ýörite kwadrokopter peýdalanyldy, munuň özi gurluşyk işleriniň möhletini düýpli gysgaltmaga mümkinçilik berdi.

Soňra «Selewaýa assosiasiýa» sebitara jemgyýetçilik guramasynyň wise-prezidentiniň wezipesini ýerine ýetiriji A.Nosow ýygnananlaryň el çarpyşmalary astynda Aşgabat şäheriniň günorta böleginde dünýäde deňi-taýy bolmadyk sil suwlaryny sowujy desgalar toplumynyň özboluşly gurluşyk taslamasynyň durmuşa geçirilendigi baradaky güwänamany gowşurýar.

A.Kostýakow adyndaky Gidrotehnika we meliorasiýa baradaky bütinrussiýa gözleg institutynyň direktory, Russiýanyň Ylymlar akademiýasynyň akademigi W.Şewçenko hem Aşgabat şäheriniň günorta böleginde sil suwlaryny sowujy desgalar toplumynyň çäkleriň ýagyn we sil suw akymlarynyň täsirinden inženerçilik goraglylygyny üpjün edýän özboluşly gurluşyk desgasydygy baradaky hem-de sil suwlaryny sowujy desgalar toplumynyň çäkleriň ýagyn we sil suw akymlarynyň täsirinden inženerçilik goraglylygyny üpjün edýän gurluşyk desgasynyň daşky gurşawa howpsuzdygy baradaky güwänamalary gowşurýar.

Soňra «Sigmacert» halkara resminamalaşdyryş Bilim we barlag hyzmatlar kompaniýasynyň wekili Hüseýin Ýusuf Gündogar Aşgabat şäheriniň günorta böleginde gurlan sil suwlaryny sowujy desgalar toplumynyň gurluşygynyň Standartlaşdyrma boýunça halkara guramanyň ISO 9001:2015 Hil dolandyryş ulgamynyň talaplaryna laýyk gelýändigi baradaky güwänamany gowşurýar.

Hormatly Prezidentimiz sil suwlaryny sowujy desgalar toplumynyň binasyna ugraýar. Sabyrsyzlyk bilen garaşylan pursat gelip ýetýär – ýygnananlaryň el çarpyşmalary astynda döwlet Baştutanymyz dabaraly ýagdaýda toý bagyny kesýär we täze inženerçilik-tehniki desga açylýar.

Toplumyň gurluşyk döwründe 36 million kubmetrden gowrak ýerasty gum we çagyl gazylyp alyndy, 9 sany sil suwuny toplaýjy howdan guruldy. Sil sowujy we birikdiriji akabalaryň umumy uzynlygy 49 kilometrden gowrakdyr. Akabalaryň 35 kilometrden gowragy betondan ýerine ýetirildi. Akabalary betonlamak işlerinde häzirki zaman innowasion tehnologiýalaryny, şol sanda uçarmansyz uçuş enjamyny ulanmak arkaly geodezik usullar ulanyldy. Akabalar gurlanda, gidroizolýasiýanyň has ygtybarly bolmagy üçin 9 million metrden gowrak innowasion kompozit armaturasy, şeýle-de 540 müň inedördül metrden gowrak güýçlendirilen geomembrana ulanyldy. ■ 2



## Ýurdumyzyň kanunçylyk-hukuk binýady döwrebaplaşdyrylýar

9-njy noýabrda sanly ulgam arkaly Milli Geňeşiň Mejlisiniň altynjy çagyrylyşynyň nobatdaky ýigriminji maslahaty geçirildi.

Gün tertibine laýyklykda, deputatlar «Notariat we notarial işi hakynda», «Sirk we sirk sungaty hakynda», «Ýerli öz-özüňi dolandyryş hakynda», «Ýükleriň ýol arkaly halkara daşalmagy babatda şertnama hakyndaky Konwensiýa», «Elektron haryt-ulag hatyna degişli goşmaça Teswirnama goşulmak hakynda», «Ýewropa sebitinde ýokary bilim boýunça hünär derejelerini ykrar etmek hakyndaky Konwensiýa goşulmak hakynda» Kanunlaryň taslamalaryna garadylar. ■ 2



## Parlament diplomatiýasy dabaralanýar

Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň parasatly baştutanlygynda parlamentara hyzmatdaşlygy ösdürmäge, goňşy döwletleriň wekilçilikli edaralary bilen gatnaşyklary ýola goýmaga uly üns berilýär. Şu ýerde Russiýa Federasiýasy bilen ýola goýulýan söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy bilen bir hatarda parlamentara gatnaşyklaryň ösüşiniň hil taýdan täze derejä çykandygyny bellemek gerek.

1–3-nji noýabrda Gahryman Arkadagymyzyň Russiýa Federasiýasyna amala aşyran resmi sapary parlamentara hyzmatdaşlygyny mundan beýläk-de ösdürmäge gönükdirilendir. ■ 3



## Rowaýata öwrülen galalar

Türkmenler dünýä medeniýetiniň, ylmynyň ösmegine saldamly goşant goşan halk hökmünde tanalýar. Munuň şeýledigini ýurdumyzyň çäginde ýerleşýän taryhy-medeni, arheologik ýadygärlikler doly tassyklaýar. Türkmenistanyň taryhy-medeni ýadygärlikleri has gadymy döwürlere degişli bolup, ol binalar özboluşly gurluş äheňi, binagärlik aýratynlygy bilen tapawutlanýar. Her bir taryhy ýadygärlik bilen baglanyşykly nesilden-nesle geçip, biziň günlerimize çenli saklanyp galan ençeme rowaýatlar geljegimiz bolan ýaşlary terbiýelemekde uly ähmiýete eýedir. ■ 3

## 2024 – «Türki dünýäniň beýik şahyry we akyldary Magtymguly Pyragy ýyly»

Türki medeniýetiň halkara guramasynyň (TÜRKSOÝ) hemişelik geňeşiniň Türkiýe Respublikasynyň Bursa şäherinde geçirilen mejlisinde oňa gatnaşyjylar Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygy mynasybetli, 2024-nji ýyly «Türki dünýäniň beýik şahyry we akyldary Magtymguly Pyragy ýyly», Türkmenistanyň gadymy Änew şäherini bolsa 2024-nji ýylda «Türki dünýäniň medeni paýtagty» diýip yglan etmek hakynda türkmen tarapynyň öňe süren başlangyçlaryny biragyzdan goldadylar.

2024-nji ýylda türkmen halkynyň beýik şahyry Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy bellener. Ýurdumyzda bu şanly senäni giňden hem-de halkara derejesinde belläp geçmek üçin taýýarlyk görülýär. Şol ýylda türkmen edebiýatynyň nusgawy şahyrynyň şanly senesi mynasybetli birnäçe çäreleri geçirmek meýilleşdirilýär. ■ 2

# «TÜRKMENTEL – 2022» HALKARA SERGISI

***10-11-nji noýabrda Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynda telearagatnaşyk, telemetriýa, habar beriş tilsimatlarynyň we teleradioýaýradyş enjamlarynyň «Türkmentel – 2022» atly XV halkara sergisi we ylmy maslahaty geçirilýär.***



Her ýyl ýurdumyzyň maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalar ulgamynda ýetilen üstünlikleri görkezmek maksady bilen, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň «Türkmenaragatnaşyk» agentligi tarapyndan Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynda Telearagatnaşyk, telemetriýa, habar beriş tilsimatlarynyň we teleradioýaýradyş enjamlarynyň «Türkmentel – 2022» atly XV halkara sergisi we ylmy maslahaty geçirilýär.

«Türkmentel – 2022» sebit boýunça maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalar ulgamyndaky iň uly çäreleriň biri bolup, ýokary tehnologiýalar, innowasiýalar we telekommunikasiýa ugry boýunça täze üstünlikleri, tejribeleri we pikirleri ara alyp maslahatlaşmak mümkinçiligini berýär.

Halkara sergisiniň açylyş dabarasyna Hökümet agzalary, Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň agzalary, Milli Geňeşiň Mejlisiniň deputatlary, ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleri, daşary ýurtlaryň Türkmenistanda işleýän diplomatik wekilhanalarynyň ýolbaşçylary, daşary ýurtly we ýerli işewürler, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri we köp sanly aşgabatlylar gatnaşdylar.

Açylyş dabarasynda paýtagtymyzyň döredijilik toparlarynyň ýaýbaňlandyran aýdym-sazly çykyşlary bu ýerde guralan dabara özboluşly baýramçylyk öwüşginini çaýdy.

Dabara gatnaşyjylar hormatly Prezidentimiziň Halkara sergi we ylmy maslahat mynasybetli iberen Gutlagyny uly ruhubelentlik bilen diňlediler.

«Biz dünýäniň ösen tehnologiýalarynyň tejribesine we innowasiýalara daýanyp, milli ykdysadyýetimizi döwrebaplaşdyrýarys, ýurdumyzy durmuş taýdan ösdürmekde uly üstünlikleri gazanýarys. Sanly tehnologiýalaryň gurluşyny, maddy-tehniki, hukuk binýadyny döwrüň talaplaryna laýyklykda kämilleşdirip, düýpli ylmy-tehniki özgertmeleri we iri taslamalary durmuşa geçirýäris. Häzirki wagtda milli telekommunikasiýa ulgamynda halkara ölçeglere laýyk gelýän täze innowasion, sanly tehnologiýalary, maglumat-aragatnaşyk enjamlaryny ornaşdyrmak işleri üstünlikli amala aşyrylýar. Bäsdeşlige ukyply häzirki zaman aragatnaşyk hyzmatlarynyň hil taýdan täze görnüşini döretmek we ilata hödürlemek boýunça yzygiderli işler alnyp barylýar. Bu ugurdan oňat baş çykarýan hünärmenleri taýýarlamak wezipelerine hem uly üns berilýär. Aragatnaşyk edara-kärhanalaryny döretmäge, olary döwrebaplaşdyrmaga düýpli maýa goýumlar gönükdirilýär» Gutlagda bellenilýär. ■ 2


HOWA BOÝUNÇA sammit geçirilýär
6-njy noýabrda Müsüriň Şarm-el-Şeýh şäherinde 120-den gowrak dünýä lideriniň gatnaşmagynda howa boýunça bütindünýä sammiti öz işine başlady. 4





FUNIKULÝAR: daga çykýan otlular
Ilkinji demir ýollar, esasan, demir, kömür ýaly dag-magdan önümlerini daşamak üçin gurlupdyr. 5





KATAR 2022 Dünýä Kubogynyň duşuşyklarynyň geçiriliş tertibi 7




# AŞGABAT ÖSÜŞIŇ NUSGALYK MERKEZINE ÖWRÜLÝÄR

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**
Hormatly Prezidentimiz toplumyň içine girýär we suw sorujy bekediň enjamlaşdyrylyşy bilen tanyşýar.

Suw sorujy beket suwy sormak üçin niýetlenen toplumlaýyn ulgamdyr. Ol hereket edýän we ätiýaçlyk suw sorujylary birleşdirýär. Suw sorujylar turba geçiriji armaturany we beýleki kömekçi enjamlary hem birleşdirýär. Bu ýerde Germaniýanyň «Wilo» kompaniýasynyň iş çarhy, ýörite innowasion nanokeramiki düzüm bilen örtülen 30 sany suwa çümdürilýän suw sorujy gurnaldy. Bu bolsa suw sorujylaryň içinden suw bilen bir hatarda, ownuk daşlaryň, hatda çägäniň geçmegine mümkinçilik bermek bilen, olaryň netijeli işlemegine hiç hili ýaramaz täsirini ýetirmeýär. Suw sorujy beketde gurnalan suw sorujylardan akabalara suwy akdyrmak üçin diametri 1 müň millimetr bolan 9 müň 100 metr turba çekildi.

Sil we ýagyn suwlary akaba ulgamynyň üsti bilen Aşgabat şäheriniň gündogar serhedini ýzarlap, şäheriň daşynda demirgazyk tarapa gönükdirilýär hem-de bar bolan suw sorujy akabalara guýulýar. Soňra bolsa suw ýygnamak we



onuň ýitmezligi üçin ýörite gurlan «Altyn asyr» Türkmen kölüniň suw goruna baryp guýýar. Bu inženerçilik-tehniki desganyň howpsuzlygy, ekologik talaplara laýyklygy sil suw akabalarynyň akýan ugurlarynda sil suwlaryny toplaýjy desgalaryň gurulmagynyň hasabyna üpjün edilýär hem-de sil we ýagyş suw joşmalarynyň Aşgabat şäherine akmagynyň öňi alynýar.

Hormatly Prezidentimiz wideoşekiller arkaly ornaşdyrylan enjamyň tehniki aýratynlyklary we artykmaçlyklary bilen tanyşýar.

Bekediň işi üç tapgyrdan ybaratdyr. Ilki bilen, suw toplaýjy howdandan gelýän suw birinji bölüme goýberilýär. Suw sorujy bekediň ikinji bölümi gury bolýar. Onda suw sorujylaryň ýerleşýän üçünji kamerasyna suwuň baryp girmegini sazlaýan gapaklar bardyr. Şol ýerden suw betondan gurlan akabalara akdyrylýar. Bu ýerde Germaniýanyň «Wilo» kompaniýasynyň her biriniň önümçilik kuwwatlylygy sekuntda 350 litr bolan 3 sany hereket edýän, 1 sany ätiýaçlyk suw sorujy enjamlary oturdylandyr. Şeýle-de, beketde ýük göterijiligi 5 tonna deň bolan ýörite göteriji kran göz öňünde tutulandyr.

Suw sorujy beket işe girizilmezden ozal, bellenen tertibe laýyklykda, sil suwlaryny ýygnaýjy desganyň ýatagyndaky suw durlanylýar. Soňra nobatçy operator suw sorujy enjamlary işe girizýär. Işçi suw sorujy enjamlar suwy basyş astynda 28 metr beýiklige göterip, sekuntda 1,0 kubmetr suwy diametri 1000 millimetr bolan turba geçiriji arkaly sil suw akabasyna akdyrýarlar.

Şeýle-de, döwlet Baştutanymyz 2-nji sil suwlaryny ýygnaýjy desgany synlady. Bu desga merkezi Köpetdagyň demirgazyk we demirgazyk-gündogar gerişlerinden sil suwlary ýygnanýar. 2-nji sil suw ýygnaýjy desganyň göwrümi 1 million 29 müň 300 kubmetr bolup, bu desga gyşda jarda we ýagyn suw akymlarynda emele gelýän suwlary ýygnamaga niýetlenendir.

Toplumyň hünärmeni hormatly Prezidentimize döwrebap inženerçilik-tehniki desgany gurduryp berendigi, bu ýerde işgärleriň netijeli işlemegi üçin oňaýly şertleriň döredilendigi üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, Watanymyzyň abadançylygynyň bähbidine tutanýerli zähmet çekjekdiklerine ynandyrdy.

Soňra hormatly Prezidentimize sil suwlaryny sowujy desgalaryň, şol sanda sil suwuny sowujy akabalaryň umumy ýerleşdirilişiniň çyzgylary görkezildi.

Döwlet Baştutanymyz täze desganyň aýratynlyklary bilen tanyşmagyny tamamlap, toplumyň işgärlerine üstünlikleri arzuw etdi we toplumyň işgärleri üçin niýetlenen ýeňil awtoulaglaryň, ýörite gurluşyk tehnikalarynyň açarlaryny gowşurdy.

# ÝURDUMYZYŇ KANUNÇYLYK-HUKUK BINÝADY DÖWREBAPLAŞDYRYLÝAR

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**
«Notariat we notarial işi hakynda» resminama ara alnyp maslahatlaşylanda, bu Kanunyň taslamasynyň notariat we notarial işiň guramaçylyk, hukuk esaslaryny, notariuslaryň hukuk ýagdaýyny, olaryň işine gözegçiligi, Türkmenistanda notarial işi amala aşyrmagyň tertibini kesgitleýändigi bellenildi.

«Sirk we sirk sungaty hakynda» Kanunyň taslamasy hem gyzyklanma bildirilip ara alnyp maslahatlaşyldy. Soňky ýyllarda ýurdumyzda milli medeniýet ulgamyny ösdürmek boýunça giň gerimli işler durmuşa geçirildi, sirk sungaty hem onuň aýrylmaz bölegi bolup durýar. Bu Kanunyň taslamasynda sirk we sirk sungatynda döwlet syýasatynyň hukuk, durmuş-ykdysady esaslary kesgitlenilýär, sirk eserlerini döretmek hem-de olary köpçülige görkezmek bilen baglanyşykly ýüze çykýan gatnaşyklar düzgünleşdirilýär, sirkleriň işiniň hukuk binýady hem-de ony döwlet tarapyndan goldamagyň görnüşleri kesgitlenilýär.

«Ýerli öz-özüňi dolandyryş hakynda» Kanunyň taslamasyny ara alyp maslahatlaşmagyň barşynda bu kanunçylyk namasynyň degişli ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, sebitleriň häkimlikleriniň işjeň gatnaşmagynda işlenip taýýarlanandygy hem-de ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň alyp barýan işlerini giňeltmek, olaryň hukuk binýatlaryny we ygtyýarlyklaryny kesgitlemek, döwlet häkimiýet edaralary bilen gatnaşyklaryny düzgünleşdirmek babatda möhümdigi bellenildi.

Çykyş edenler «Ýükleriň ýol arkaly halkara daşalmagy babatda şertnama hakynda Konwensiýa Elektron haryt-ulag hatyna degişli Goşmaça Teswirnama goşulmak hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň ýurdumyzyň söwda-ykdysady gatnaşyklaryny ösdürmekde ähmiýetine ünsi çekdiler. Bu Kanun taslamasy hem halkara hukugyň umumy ykrar edilen kadalaryna laýyklykda, degişli kanunçylygy kämilleşdirmek maksady bilen işlenip taýýarlanyldy. «Ýewropa sebitinde ýokary bilim boýunça hünär derejelerini ykrar etmek hakynda Konwensiýa goşulmak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny ara alnyp maslahatlaşylanda, deputatlar bu kanunçylyk namasynyň kabul edilmeginiň ylym we bilim ugry boýunça halkara hukuk binýadynyň berkidilmegine gönükdirilendigini bellediler, şunda ýokary bilimiň parahatçylygy, özara düşünişmegi, özara hormat goýmagy, halklaryň hem-de ýurtlaryň arasynda özara ynanyşmak ýagdaýyny kemala getirmekde möhüm orun eýeleýändigi aýratyn nygtaldy.

Mundan başga-da, deputatlar «Türkmenistanyň käbir kanunçylyk namalaryna goşmaçalar we üýtgetmeler girizmek hakynda», «Harby borçluluk we harby gulluk hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna goşmaça girizmek hakynda», «Goranmak hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakynda», «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunyna üýtgetmeler we goşmaça girizmek hakynda», «Türkmenistanyň käbir kanunçylyk namalaryna üýtgetmeler we goşmaça girizmek hakynda» Kanunlaryň taslamalaryna garadylar. Maslahatda «Türkmenistanyň dolandyryş-çäk bölünişiniň meseleleri hakynda» Milli Geňeşiň Mejlisiniň kararynyň taslamasyna hem garaldy. Bellenilişi ýaly, Türkmenistanyň dolandyryş-çäk gurluşynyň özgerdilmegi Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmekde, iri dolandyryş-çäk birliklerini döretmekde, şäherleşmek derejesini ýokarlandyrmakda aýratyn ähmiýete eýedir.

Milli Geňeşiň Mejlisiniň altynjy çagyrylyşynyň nobatdaky maslahatynyň garamagyna hödürlenen kanunçylyk namalarynyň taslamalary biragyzdan makullanyldy we kabul edildi.

## Syýahatçylyk sergisi geçirildi

7-9-njy noýabrda Londonda Bütindünýä syýahat bazary (World Travel Market) sergisi geçirildi. Sergide berlen maglumatlara görä, global syýahatçylygyň ýanwar-iýul aýlaryndaky ösüşi pandemiýadan öňki döwürdäkiniň 60 göterimine ýetipdir. Bu döwürde 470 milliondan gowrak adam syýahat edip, iň çalt dikeliş Ýewropada we Ýakyn Gündogarda bolup geçipdir. Dikelişiň netijesinde, syýahatçylyk pudagy beýleki kynçylyklaryň hem çözülmegine ýardam eder. Olaryň arasynda ykdysady we energiýa çökgünlikleri, global maýlama we howanyň üýtgemeginiň ýaramaz netijeleri bilen göreş, puluň hümmetiniň üýtgemegi ýaly meseleler bar. Syýahatçylyk pudagy durnukly ösüş boýunça borçnamalary hem ýerine ýetirmäge ünsi jemleýär. Bu sergi COP27 howa boýunça sammit bilen bir wagtda geçirilýär.



**Oguljennet MUHAMMEDOWA,**
*Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyby.*

## «Türkmentel – 2022» halkara sergisi

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**
Gözden geçirilişe ýurdumyzyň döwlet we hususy düzümleriniň 36-synyň, daşary ýurt kompaniýalarynyň 20-den gowragynyň wekilleri gatnaşýarlar. Şolaryň hatarynda maglumat tehnologiýalary bazarynda öňdäki orunlary eýeleýän «Nokia», «Huawei», «Thales Alenia Space», «Delta Telecom Ltd», «Rostelecom», «Eastwind», «Azertelecom» ýaly ýöriteleşdirilen kompaniýalar bar. Olar sergi diwarlyklarynda öz mümkinçilikleri, öndürýän önümleri we hödürleýän hyzmatlary bilen tanyşdyrýarlar.





«Türkmentel – 2022» sergisine gelen myhmanlar ýakyn wagtda Türkmenistanda ornaşdyrylyp bilinjek iň täze, uly gyzyklanma bildirilýän tehnologiýalar bilen ýakyndan tanyşmaga mümkinçilik aldylar.

Şeýle-de, sergi zalynda ykdysadyýet we telelekeçilik üçin täze mümkinçilikler açýan täze aragatnaşyk tehnologiýalary we taslamalary görkezildi.

Halkara foruma daşary döwletleriň alymlary, bilermenleri hem-de işewürleri sanly ulgam arkaly gatnaşdylar. Maslahatyň maksatnamasy halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek we daşary ýurt maýa goýumlaryny, tehnologiýalaryny, taslamalaryny ýurdumyzyň maglumat-telekommunikasiýa ulgamyna çekmek, kosmos tehnologiýalary, sarp edijileri ygtybarly hem ýokary hilli hyzmatlar bilen üpjün etmek, sanly ykdysadyýeti ornaşdyrmak ýaly meseleleri öz içine alýar. Öňde goýlan wezipelere ýetmek, innowasion-programma üpjünçiligini, startaplary işläp taýýarlamak hem-de ornaşdyrmak bilen meşgullanýan ýaşlary ýüze çykarmak we höweslendirmek maksady bilen, nobatdaky «Sanly çözgüt – 2022» bäsleşiginiň jemleri jemlener. Bu bäsleşige ýokary okuw mekdepleriniň talyplary we hünärmenleri gatnaşyp, öz taýýarlan 240-dan gowrak taslamasyny hödürlediler.

Ýeňijiler diplomlar we gymmat bahaly sowgatlar bilen sylaglanar.

## 2024 – «Türki dünýäniň beýik şahyry we akyldary Magtymguly Pyragy ýyly»

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**
Halkara guramalar bilen hyzmatdaşlykda akyldar şahyryň edebi mirasyny dünýä derejesinde öwrenmegi hem-de wagyz etmegi ýola goýmak maksat edinilýär. Şu maksat bilen Aşgabat şäherinde Halkara ylmy maslahaty guralar.

«Türki dünýäsiniň medeni paýtagty» taslamasy bu halklaryň medeniýetiniň mümkinçiliklerini äşgär edip, olaryň mirasyna ünsi çekmekden ybaratdyr. Her ýylda türki dilli ýurtlaryň dürli şäherlerinde dürli görnüşdäki medeni we gumanitar çäreleriň geçirilmegi göz öňünde tutulýar.

Mundan ozal 2015-nji ýylda Mary şäheri türki dünýäsiniň medeni paýtagty diýlip yglan edilipdi.

TÜRKSOÝ-yň hemişelik geňeşiniň mejlisinde gatnaşyjy döwletleriň degişli ministrlikleriniň ýolbaşçylary jemleýji beýannama gol çekdiler. Resminamada Türkiýe Respublikasynyň guramagynda geçirilýän «Teknofest» awiasiýa, kosmos we tehnologiýa festiwalyna türki dünýäsiniň ýaşlarynyň bilelikdäki işläp düzen taslamalarynyň gatnaşmagyny üpjün etmek, 2023-nji ýylda TÜRKSOÝ guramasynyň döredilmeginiň 30 ýyllygy mynasybetli agza ýurtlarda dabaralary guramak babatda ylalaşyldy.



TÜRKSOÝ guramasynyň medeniýet ministrleriniň geňeşiniň 40-njy mejlisi geljek ýylyň ahyrynda Azerbaýjanyň Şuşa şäherinde geçiriler.

## Sowukdan nähili goranmaly?

Öňümiz gyş. Howa sowap başlady. Howanyň üýtgeýän döwründe adam bedeni güýçli bolmasa käbir nähoşluklaryň ýüze çykmagy mümkin. Lukmanlar köp keseliň öňüni almak üçin diňe galyň geýinmäge däl, iýmitlenmäge hem üns berilmelidigini belleýärler. Sowuk sebäpli öýde has köp wagt geçirilýär. Şeýle ýagdaýda ýagly we şekerli iýmitleri iýmekden gaça durup, ter miwe we gök önümlerini has köp iýmeli. Bu bedeniň immunitetini güýçlendirýär. Kelemiň dürli görnüşi, sogan, sarymsak hemişe iýmit sanawynda bolmaly. Bu gök önümleri etli naharlara goşup, gaýnadylan görnüşde ýa-da işdäaçarlara goşup iýmek bolýar. E witaminine baý bolan gök otlar hem saglyga peýdalydyr. Mandarin, kiwi, pyrtykal, nar ýaly C witaminine baý miweleri iýmeklik hem maslahat berilýär. Lukmanlar bu miweleriň çagalaryň hem iýmit sanawyna goşulmalydygyny ýatladýarlar.



**Arslan ATAÝEW,**
*Mary welaýat köpugurly hassahanasynyň lukmany, newropotolog.*

## Sesli kitap hyzmatyny hödürlär

Aýdym-sazlary we beýleki ses ýazgylaryny diňlemäge mümkinçilik berýän «Spotify» arkaly sesli kitaplaryň hem hödürlenmegi meýilleşdirilýär. Şwed kompaniýasy ulanyjylara 300 müňden gowrak kitabyň elýeterli ediljekdigini mälim etdi. Ulanyjylar «Spotify» mobil goşundysyndaky katalogy görüp hem-de kitaplary edil abuna ýazylan ýaly web sahypasy arkaly satyn alyp bilerler. Mediýa pudagynda iş alyp barýan «Omdia» maslahat beriş kompaniýasynyň maglumatyna görä, sesli kitap bazary geçen ýyl 4,8 milliard dollar bolan bolsa, bu görkeziji 2026-njy ýyla çenli 14 göterim ýokarlanyp, 9,3 milliard dollara ýeter.



**Maýa KAKAÝEWA,**
*Aşgabat şäher medeniýet müdirliginiň Merkezleşdirilen kitaphanalar ulgamynyň Seýitnazar Seýdi adyndaky kitaphana şahamçasynyň 1-nji derejeli kitaphanaçysy.*

## Yzygiderli maşk göwnüňi açýar

37 müňden gowrak adamda geçirilen barlagda, yzygiderli maşk etmegiň aladadan halas edýändigi, göwnüňi göterýändigi anyklandy. Maşk etmegiň gaýgylanmagyň öňüni almakda oňyn netije berýändigi mälim edildi. Şotlandiýanyň Glazgo uniwersitetiniň geçiren barlagynda, hepdede 75 minut ylgamagy, ýüzmegi öz içine alýan hereketiň ruhy saglyga peýdalydygy mälim edildi. «BMC Medicine» žurnalynda neşir edilen ylmy makalada 37-73 ýaşly meýletinçileriň gatnaşandygy mälim edilýär. Barlag ýedi ýyl dowam edipdir.



Bilermenler adamlaryň hepdede 2,5-5 sagat aralygynda has köp dem almagy talap edýän batly ýöremek, welosiped sürmek we tans etmek ýaly orta derejeli hereketleri etseler, köp keseliň öňüniň alnyp bilinjekdigini belleýärler. Şeýle hem başga adamlar bilen bilelikde maşk edilende, olar bilen gepleşmegiň hem beýnä oňyn täsir edýändigi bellenilýär.

**Röwşen KUWWADOW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň mugallymy.*

## Ýangyç hökmünde ulanylar

Ýaponiýada ulag ulgamynda ýangyç hökmünde ammiagyň ulanylmagy maksat edinilýär. Deňiz gatnawynda ulanylmagy meýilleşdirilýän bu energiýa çeşmesi daşalmagy, saklanmagy we aňsatlygy bilen artykmaçlyk döredýär. Howa goýberilýän zyýanly gazlaryň 3 göteriminiň deňiz gatnawyna degişlidigi bellenilýär. Halkara Energiýa Agentligi tarapyndan ýaýradylan maglumatda, 2050-nji ýyla çenli «O uglerod» maksadyna ýetmek üçin ammiak bilen bir hatarda wodorod esasly ýangyç görnüşleriniň deňiz gatnawynda 30 göterimini emele getirmeli. Ammiagy saklamak beýleki arassa ýangyç hasaplanýan wodoroddan has aňsat. Ýaponiýanyň «NYK Lines» we «IHI Power Systems» kompaniýalary ammiak bilen işleýän ilkinji deňiz ulaglaryny işläp taýýarlaýarlar.



«NYK Line» kompaniýasynyň ýolbaşçysy Ýokoýama Sutomu 2050-nji ýyla çenli «O uglerod» maksadyna ýetiljekdigini we munuň üçin ammiagyň iň amatly çözgütdigini belläp, bu ugurda ýeterlik tejribeleriniň bardygyny aýdýar.

**Amangözel SATYMOWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy.*

## Gymmat bahadan satyldy

Şweýsariýanyň Ženewa şäherinde seýrek duş gelýän gülgüne göwher Aziýanyň wekili tarapyndan, takmynan, 28,5 million ýewro satyn alyndy. 18 karatlyk daş «Christie's» auksion satuw öýi tarapyndan auksiona çykaryldy. Auksion bary-ýogy dört minut dowam etdi. Gülgüne göwher auksionda satylan iň uly gymmat daşlaryň biri boldy.



– Bu brazil göwheri bolup, ýiti reňkleri bilen tanalýar. Emma bu ululyk gaty seýrek bolýar. Şeýlelikde, bularyň hemmesi daşy özboluşly edýär – diýip, auksion öýüniň wekili Rahul Kadakiýa belläp geçdi. Satyn alyjynyň ady mälim edilmedi. Auksiony guraýjylaryň pikirIçe, 18-lik san Aziýanyň käbir halklarynda şowly san hasaplanýar.

**Ata MELEBAÝEW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## Awtobuslar arassa ýangyçly bolar

Londonyň jemgyýetçilik ulaglary edarasy 2034-nji ýyla çenli meşhur iki gatly awtobuslarynyň ählisiniň elektrik energiýasy bilen işlemegini ýola goýar. Häzirki wagtda şäherde bir gijede zarýad alyp bilýän 850-den gowrak elektroawtobusy bar. Täze tehnologiýa awtobuslaryň geçirijisiz zarýad almaklaryna mümkinçilik döreder. Şeýlelikde, awtobusyň zarýad almagy üçin bary-ýogy 10 minut ýeterlik bolar. Geljek ýyldan başlap, her awtobusyň gatnaýan ugrunyň iki tarapyndaky beketler giňeldiler. Şeýlelikde, bu ýerlerde gysga wagtda zarýad berilýän beketler oturdylar. Bu bolsa, awtobusyň üznüksiz gatnawyny ýola goýmaga mümkinçilik berer. Täze taslamanyň bellenen wagtyndan has ir durmuşa geçirilmegi meýilleşdirilýär.



**Arslan BAÝRAMOW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

## Ikinji zawodyny gurar

Taýwanyň TSMC kompaniýasy ABŞ-nyň Arizona ştatynda gurluşygyny dowam etdirýän zawodynyň golaýyndan ýene bir zawod gurmagy meýilleşdirýär. Ýarymgeçiriji öndüriji kompaniýanyň häzirki taslamasynyň bahasy 12 milliard dollara barabar. Täze desganyň häzirki gurulýan zawoda meňzeş boljakdygy we bahasynyň hem şonçarakdygy bellenilýär.



Golaýda ABŞ-da ýokary tehnologiýa talap edýän harytlaryň önümçiligini höweslendirýän täze kanun güýje girizilipdi. Ýurduň hökümeti ýarymgeçiriji önümçiligi üçin 50 milliard dollara barabar ýeňillik döreder. Bu kanunyň ýurtda ýokary tehnologiýa talap edýän çipleriň önümçiliginiň ýola goýulmagyna ýardam etjekdigi bellenilýär.

**Baýrammyrat ATAMYRADOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Horlanmak üçin haýsy wagt amatly?

Geçirilen barlaglaryň birinde artykmaç agramdan dynmak üçin öýleden soň ýa-da agşamara sport zalyna gitmegiň irdenkä garanyňda has täsirlidigi ýüze çykaryldy. Niderlandlaryň Leýden uniwersitetiniň Lukmançylyk merkeziniň alymlary günüň belli wagtynda maşk etmegiň bedeniň kadaly agramda bolmagyna has täsirlidigini anykladylar. Barlagyň 45-65 ýaş aralygyndaky 7 müň adamda geçirilendigi we olaryň dürli agramdaky adamlardygy mälim edildi. Ylmy barlagyň netijeleri barada «Diabetologia» žurnalynda makala çap edildi. Lukmanlar bu ylmy işde gymmatly maglumatlary ýüze çykarandyklaryny belleýärler.



**Sapa BEGLIÝEW,**
*Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyby.*

## Elektroulaglaryň satuwy 107 göterim artdy

Hytaýda täze energiýaly ulag (NEV) diýlip atlandyrylýan batareýaly we gibrid ulaglaryň satuwy şu ýylyň ilkinji 10 aýynda geçen ýylyň degişli döwründäkiden 107,5 göterime golaý artypdyr. Ýurduň awtoulag bileleşiginiň maglumatlaryna görä, ýanwar-oktýabr aýlary aralygynda 4,43 million elektroulag bölek satuw arkaly satylypdyr. Ýylyň ahyryna çenli jemi 6,5 million elektroulagyň satylmagyna garaşylýar. Geçen aý ýurtda 1,84 million awtoulag satylyp, olaryň 556 müňüsini elektroulag emele getiripdir. Şeýlelikde, umumy satuw geçen ýylyň oktýabr aýyna görä, 7,3 göterim, elektroulag satuwy 75,2 göterim ýokarlanypdyr. Hytaýyň BYD kompaniýasy 217 müň 518, «Tesla» 71 müň 704 elektroulag satyp, öňdäki orunlary eýeläpdir.



**Ýazgeldi GULOW,**
*Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň talyby.*

## BILDIRIŞ

Ak bugdaý etrabynyň Täze durmuş obasynyň A.Daňatarow köçesiniň 3/1 jaýynyň ýaşaýjysy Güljan Gurbandurdyýewa Annaýarowna degişli bolan awtoulaga 04.07.2018ý. berlen BG7838AH belgili döwlet belgisiniň ýitirilendigi sebäpli, ony güýjüni ýitiren diýip hasap etmeli.

ZAMAN

ESASLANDYRYJYSY –
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Noýabr aýynyň 11-i, 2022
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-110498
Belgisi: 45/1507
Tiražy: 6740
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
elektron poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

# Bilim – ösüşleriň binýady

*Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ösüp gelýän nesiller hakyndaky alada ýurdumyzyň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar. Bu ugur, ilkinji nobatda, ýaşlaryň jemgyýetiň we döwletiň ykdysady, syýasy hem medeni durmuşyna ynamly gatnaşmagy, hukuklarynyň we azatlyklarynyň amala aşyrylmagy üçin şertleriň döredilmegine gönükdirilýär. Şu ýerde «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda» (rejelenen görnüşi) Türkmenistanyň Kanunynyň kabul edilendigini hem bellemek gerek.*

Ýurdumyzyň eşretli geljegini nazarlaýan oňyn başlangyçlaryň milli bilim ulgamyna gönükdirilmegi ýaş nesliň bilimli, sagdyn aň-düşünjeli, akylly-paýhasly kemala gelmeginde möhüm ähmiýete eýedir. Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary netijesinde ylym-bilimi ösdürmekde, ýaşlara döwrebap bilim bermekde ähli mümkinçilikler döredildi.

Arkadagly Serdarymyz: «Ylym we bilim biziň üstünliklerimiziň hem-de öňe gitmegimiziň binýatlyk esasy bolup durýar» diýip bellemek bilen, güneşli Diýarymyzyň ylym-bilim edaralarynyň işiniň düýpli kämilleşdirilmegine, ýaşlaryň döwrebap bilim almaklaryna aýratyn üns berýär. Şoňa görä-de, mugallymlaryň işiniň döwrebap guralmagyna we olaryň hünär kämilligine bolan talaplar barha artýar.

«Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllar-



da durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda», beýleki milli maksatnamalarda bilim ulgamyny kämil derejede ösdürmek, ýokary bilimli hünärmenleri taýýarlamak ugrunda kesgitlenen wezipeler üstünlikli durmuşa geçirilýär. Durmuş ulgamyna degişli desgalar bilen bir hatarda, täze bilim edaralary gurulýar.

Türkmenistanda 12 ýyllyk umumy orta bilime geçmegiň, sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň, daşary ýurt dillerini okatmagy kämilleşdirmegiň, tebigy we takyk ylmy ugurlara degişli dersleri okatmagy kämilleşdirmegiň konsepsiýalaryna laýyklykda, okatmagyň usullary kämilleşdirilýär. Bäsdeşlige ukyply bilim ulgamyny kemala getirmek üçin tapgyrlaýyn sanly ulgama geçirilýär.

Ýaşlaryň daşary ýurt dillerini kämil derejede bilmekleri üçin yzygiderli tagallalar edilýär. Daşary ýurt dillerini okatmagy kämilleşdirmegiň konsepsiýasyna laýyklykda, mekdebe çenli çagalar edaralaryndan başlap, bilimiň ähli derejelerinde daşary ýurt dillerini okatmagyň mazmunyny döwrebaplaşdyrmak, ýaşlaryň daşary ýurt dillerini bilşiniň ýokary derejesini gazanmak, okatmagyň innowasion dil öwrediş tehnologiýalaryny ornaşdyrmak bilen bagly işler durmuşa geçirilýär.

Ýaşlaryň fiziki işjeňligini ýokarlandyrmak, saglygyny berkitmek ugrunda-da maksatnamalaýyn işler alnyp barylýar. Bu ugurda bilim edaralarynda arassa howada, tebigatda gezelençler guralýar, irki maşklar ýerine ýetirilýär, sagdynlyga, bedenterbiýä bagyşlanan synp sagatlarynda öwüt-ündew, wagyz-nesihat, terbiýeçilik işleri geçirilýär. Şonuň ýaly-da, okuwçylaryňdyr talyplaryň okuwdan boş wagtlarynda medeniýetli dynç almagy, sagdyn durmuş ýörelgesine eýermegi, Saglyk ýoluna köpçülikleýin ýörişlere gatnaşmaklary üçin ähli mümkinçilikler döredilýär.

Ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerini halkara derejeli ýokary okuw mekdepleriniň sanawyna goşmak ugrunda alnyp barylýan işleriň çäklerinde Türkmenistanyň Döwlet energetika instituty dolandyryş merkezi Fransiýanyň Pariž şäherinde ýerleşýän Uniwersitetleriň halkara birleşiginiň, Telekommunikasiýalar we informatika instituty hem-de Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk instituty Tehniki uniwersitetleriň assosiasiýasynyň agzalygyna kabul edildi.

Bilim ulgamynyň kanunçylyk esaslary bolsa dünýäniň ösen tejribeleri bilen utgaşdyrylyp düýpli kämilleşdirilýär. Türkmenistanyň Bilim hakyndaky Kanuny bilim babatda gatnaşyklaryň hukuk esaslaryny düzgünleşdirýär we döwlet syýasatynyň ýörelgelerini, şeýle hem bilim ulgamynyň maksatlaryny, wezipelerini, ýerine ýetirýän işlerini we onuň işini dolandyrmagyň guramaçylyk esaslaryny halkara ölçeglerine laýyklykda kesgitleýär. Munuň özi ýurdumyzyň bilim pudagynda zähmet çekýän professor mugallymlara, hünärmenlere döredijilikli we has netijeli işlemäge, talyp ýaşlarymyza bolsa ruhy hem beden taýdan sagdyn ösmäge, halkara ölçeglerine laýyk derejede bilimleri alyp, durmuşa taýýar bolmaga, ýurdumyza, halkymyza gerekli hünärmenler bolup ýetişmäge şertleri, esaslary döredýär.

Bilim ulgamynda gazanylýan üstünlikler hormatly Prezidentimiziň alyp barýan iňňän öňdengörüjilikli ynsanperwer täze syýasy we ykdysady ugrunyň ýaşlara oňat bilim bermäge, diýmek, has mynasyp geljegi üpjün etmäge gönükdirilendigini aýdyň subut edýär. Talyp ýaşlar döredilen mümkinçiliklerden ýerlikli peýdalanyp, ata-babalarymyzyň däplerini dowam edip, häzirki bazar ykdysadyýeti şertlerde işlemäge taýýar bolarlar hem-de bütin dünýäde uly abraýa eýe bolan parahat we gülläp ösýän ýurdumyzyň hakyky watançylaryna, täze ösüş ugrunyň hereketlendiriji güýjüne öwrülerler.

**Maral ANNAŞOWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň uly mugallymy.*

# PARLAMENT DIPLOMATIÝASY DABARALANÝAR

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Russiýa Federasiýasynyň Federal Ýygnagynyň Federasiýa Geňeşiniň Başlygy Walentina Matwiýenkonyň çakylygy boýunça amala aşyrylan saparyň dowamynda ikitaraplaýyn duşuşyklaryň birnäçesi geçirildi. Olaryň netijesinde Russiýa Federasiýasynyň Federal Ýygnagynyň Federasiýa Geňeşiniň we Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Hyzmatdaşlyk boýunça parlamentara toparyny döretmek hakynda Ylalaşyga gol çekildi. Munuň özi parlamentara gatnaşyklaryň hil taýdan täze derejä çykarylýandygyny görkezýär. Parlamentara toparyň işjeň hereket etmegi netijesinde, onuň dürli meseleleriň çözülmegine, parahatçylygyň, hyzmatdaşlygyň, özara düşünişmegiň guraly bolup durýan parlament diplomatiýasynyň berkidilmegine ýardam etjekdigi şübhesizdir. Iki ýurduň parlament wekilleriniň arasynda geçirilen ikitaraplaýyn duşuşyklar türkmen-rus gatnaşyklarynyň geljekki ösüşleri babatda pikir alyşmaga mümkinçilik döretdi.

Şu ýyl Türkmenistan bilen Russiýa Federasiýasynyň arasynda diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýulmagyna 30 ýyl, Dostluk we hyzmatdaşlyk hakynda Şertnama gol çekilmegine 20 ýyl doldy. Ysnyşykly gatnaşyklaryň barşynda iki ýurduň arasynda halkara resminamalaryň 280-den gowragyna gol çekildi. Parlamentara gatnaşyklar hyzmatdaşlygyň möhüm ugurlarynyň biri hökmünde kesgitlendi. Türkmen-rus parlamentara gatnaşyklary sebit we ählumumy derejede parahatçylygyň hem-de durnuklylygyň pugtalandyrylmagyna uly goşant goşýar.

Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Moskwa şäherinde geçirilen gepleşikleriň jemlerini teswirläp, olaryň netijeli häsiýete eýe bolandygyny aýratyn belledi. Hususan-da, bu gezekki gepleşikleriň barşynda parlamentara diplomatiýa ýaşlar köpçüligini işjeň çekmegiň zerurdygy bellenildi. Şeýle hem parlament işinde, geljekki nesilleri watançylyk ruhunda terbiýelemekde zenanlaryň möhüm orny barada aýdyldy. Hormatly Arkadagymyz taryhy resminama – Hyzmatdaşlyk boýunça ikitaraplaýyn parlamentara toparyny döretmek hakynda Ylalaşyga gol çekilendigini belläp, türkmen paýtagtynda ştab-kwartirasy ýerleşýän «Aşgabat görnüşiniň» Sekretariatyny döretmäge Türkmenistanyň taýýardygyny tassyklady.

Bu saparyň maksatnamasynyň esasy ugurlarynyň biriniň parlamentara gatnaşyklary bolandygyna garamazdan, strategik türkmen-rus gatnaşyklarynyň beýleki ugurlaryna hem seredildi. Bu babatda Kreml köşgünde Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Russiýa Federasiýasynyň Prezidenti Wladimir Putin bilen duşuşygyny agzamak bolar. Söhbetdeşligiň barşynda häzirki wagtda giň ugurlar boýunça üstünlikli ösdürilýän türkmen-rus hyzmatdaşlygynyň wajyp meseleleriniň ençemesi ara alnyp maslahatlaşyldy. Şeýle hem hormatly Arkadagymyzy IV derejeli «Watanyň öňünde bitiren hyzmatlary üçin» ordeni bilen sylaglamak dabarasy bolup, Prezident Wladimir Putin dabaraly ýagdaýda Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Başlygyna bu ordeni gowşurdy. Gahryman Arkadagymyza iki ýurduň arasyndaky strategik hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga goşan uly şahsy goşandy üçin gowşurylan ýokary sylag Russiýa bilen hoşniýetli goňşuçylyk we hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ösdürmäge pugta ygrarly Türkmenistana hormat-sarpanyň nyşanyna öwrüldi.



Umuman, Türkmenistan oňyn Bitaraplyk, parahatçylyk söýüjilik, hoşniýetli goňşuçylyk we özara bähbitli hyzmatdaşlyk ýörelgelerine esaslanýan daşary syýasy ugry durmuşa geçirmek bilen, parlament diplomatiýasynyň gurallaryndan netijeli peýdalanmaga hem uly ähmiýet berýär. Parlament diplomatiýasy bolsa döwletara, sebit we ählumumy derejede örän wajypdyr.

Parlament diplomatiýasy halkara giňişlikde parahatçylygy, ynanyşmagy we açyklygy pugtalandyrmak işine uly goşant goşmaga, dünýäniň syýasy gün tertibine oňyn itergi bermäge, ykrar edilen halkara hukuk kadalarynyň, Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasynyň düzgünleriniň, esasy halkara ylalaşyklaryň we konwensiýalaryň ýoýulmagyna ýol bermezlige gönükdirilendir. Şunuň bilen baglylykda, dürli ýurtlaryň kanun çykaryjy edaralarynyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň, dünýäde döredilen parlament birleşikleriniň, ilkinji nobatda, olaryň iň irisiniň we abraýlysynyň – Parlamentara Birleşigiň orny ýokarlanýar.

**Merdan SEÝITLIÝEW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

# ULAG ULGAMYNYŇ BATLY GADAMLARY

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda hemişelik Bitaraplyk we «Açyk gapylar» syýasatyny ýöredýän, bütin dünýä bilen hoşniýetli dostluk gatnaşyklaryny ýola goýýan, üstaşyr geçirmek babatynda uly mümkinçiliklere eýe bolan Türkmenistan deňiz, howa, demir ýol we awtomobil gatnawlaryny öz içine alýan Gündogar–Günbatar we Demirgazyk–Günorta üstaşyr ulag geçelgeleriniň häzirki zaman ulgamyny döretmek boýunça iri taslamalary üstünlikli durmuşa geçirýär.

Ulag-kommunikasiýa toplumynyň soňky ýyllardaky depginli ösüşi maýa goýumlaryň artdyrylmagynyň hem-de bu toplumy halkara ölçeglere laýyklykda döwrebaplaşdyrmak boýunça alnyp barylýan yzygiderli işleriň hasabyna üpjün edilýär. Pudagyň maddy-tehniki binýadyny pugtalandyrmak, onuň işine ylmyň soňky gazananlaryny we sanly tehnologiýalary ornaşdyrmak, bazar ykdysadyýetiniň ýörelgeleri esasynda dolandyrylyşyny kämilleşdirmek, ýurdumyzyň üstaşyr kuwwatyny ösdürmek, ulag-logistika merkezlerini döretmek, ulag diplomatiýasyny ilerletmek bu işiň esasy ugurlarynyň hatarynda kesgitlenildi.

Milli ykdysadyýetimiziň depginli ösýän hem-de geljegi uly pudaklarynyň biri hökmünde ulag ulgamyny kämilleşdirmek ýurdumyzyň öňe sürýän wajyp halkara başlangyçlary bilen baglylykda, esasy wezipeleriň biri bolmagynda galýar. Türkmenistan BMG-niň howandarlygynda ulag ulgamy boýunça köptaraplaýyn dialogy ýola goýmak boýunça teklibi öňe sürüp, BMG bilen bilelikde Durnukly ulag ulgamy boýunça birinji ählumumy maslahaty gurapdy. 2016-njy ýylyň noýabrynda Aşgabatda geçirilen forum ählumumy ösüşiň aýrylmaz bölegi hökmünde ulag ulgamyny ösdürmek boýunça giň halkara hyzmatdaşlygyň täze tapgyryna badalga berdi.

Ýurdumyz özüniň çäk taýdan amatly ýerleşişini nazara alyp, halkara üstaşyr ýük daşamalary bazarynda esasy orunlaryň birini eýeleýär hem-de geljekde Ýewraziýa giňişliginde iri ulag-logistika merkezine öwrüler.

Döwletimiz ykdysady taýdan ýakynlaşmak üçin halkara üstaşyr ulag geçelgeleriniň kuwwatyny doly derejede ulanmaga, üstaşyr ýükleriň möçberlerini artdyrmaga çalyşýar. Türkmenistanyň we Hytaýyň ulag ulgamyndaky hyzmatdaşlygy iki tarapyň hem erk-islegi boýunça strategik derejä çykarylan gatnaşyklary pugtalandyrmaga ýardam bermek bilen çäklenmän, eýsem, bu möhüm pudagyň okgunly ösüşine-de goşant goşýar. Bu pudagyň öňünde ilata hödürlenilýän hyzmatlaryň hilini ýokarlandyrmak, ýolagçy hem-de ýük daşamalaryň möçberlerini artdyrmak, üstaşyr kuwwaty pugtalandyrmak boýunça wezipeler durýar.

Häzirki zaman dünýäsinde halkara ulag geçelgeleri dünýä ykdysadyýetiniň ählumumy esasy guralyna öwrüldi. Türkmenistan bu ösüşlerden çetde galman, öz çäginde yklymyň möhüm ulag merkezlerini döredýär. Ol ýurdumyzyň durnukly ykdysady we durmuş taýdan ösüşine, öndürilýän ýerli harytlaryň hem-de hyzmatlaryň dünýä bazarlarynda bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga, dünýäniň senagat düzüminde mynasyp ornuny eýelemäge mümkinçilik berýär. Halkara we sebit derejesinde ulag-logistika ulgamyny



ösdürmek hem-de onuň häzirki zaman ýagdaýlaryna laýyk derejede hereket etmegini gazanmak ugrunda bellenen bu belent maksatlar üstünlikli dowam etdirilýär. Bu babatda «Türkmenistanyň Prezidentiniň ulag diplomatiýasyny ösdürmegiň 2022–2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasynda» strategik taýdan ähmiýetli çäreler göz öňünde tutulýar.

Häzirki wagtda Türkmenistan ulag ulgamynda halkara forumlaryň geçirilýän ýerine öwrüldi. Munuň şeýledigini şu ýylyň 15-16-njy awgustynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň ulag ministrleriniň derejesindäki maslahatyň geçirilmegi-de subut edýär. Ýurdumyzyň başlangyjy bilen Birleşen Milletler Guramasynyň howandarlygynda guralan bu forum BMG-niň edaralarynyň, abraýly halkara, sebit we sebitara guramalaryň hem-de maliýe düzümleriniň ýolbaşçylaryny, hususy ulgamyň, hökümete dahylsyz birleşikleriň, ylmy toparlaryň wekillerini özünde jemlemek bilen, oňyn netijelere beslendi.

**Gülјan ARNABERDIÝEWA,**
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň mugallymy.*

# ROWAÝATA ÖWRÜLEN GALALAR

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Ol rowaýatlar Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi», «Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi», «Ömrümiň manysy» atly ajaýyp kitaplarynda örän gyzykly beýan edilýär.

Şu aýda ýurdumyzda geçiriljek «Türkmenistanyň taryhy we medeni ýadygärlikleri: öwrenmek, gorap saklamak we rejelemek tejribesi» atly halkara ylmy maslahaty hem medeni ýadygärliklerimiziň dünýä ýaýylmagynyň subutnamasy bolar. Garaşsyzlyk halkymyzyň asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alýan ýol-ýörelgelerini, däp-dessurlaryny, edim-gylymlaryny täzeden dikeltmeklige, medeni we ruhy miraslarynyň il-günüň köňül ganatyna öwrülmegine hem giň mümkinçilik berdi. Bu bolsa häzirki türkmen döwletiniň berk taryhy binýat esasynda gurulýandygyny alamatlandyrýar.

Türkmen halkynyň dünýäniň çar künjüne ýaýran baý geçmiş taryhy, egsilmez ruhy hem medeni gymmatlyklary bar. Türkmen galalary hakyndaky kyssalar we rowaýatlar medeni gymmatlyklarymyzyň bir bölegi bolup, taryhy öwrenmekde hem gözli çeşmedir. Ata-babalarymyz başdan geçiren dürli wakalaryny we hadysalaryny rowaýat edip, dilden-dile geçirip biziň döwrümize ýetiripdirler.

Türkmeniň bäş müň ýyllyk taryhynda ýüzlerçe, müňlerçe galalar gurlupdyr. Margiana, Nusaý, Änew, Amul, Dehistan, Sarahs ýaly şäherler dünýä ýüzünde meşhur medeni merkezler bolupdyr. Şeýle galalaryň köpüsi ýitip gidipdir, ýöne şol galalar hakynda dessanlarymyzda, nusgawy şahyrlarymyzyň şygyr setirlerinde ýatlanyp geçilýär, olar hakda birnäçe rowaýatlar döredilipdir.

Ençeme döwürleriň we ençeme wakalaryň şaýady bolan Ürgenç, Nusaý, Merw, Amul ýaly medeni-taryhy ýadygärlikler hasaplanýan galalar we şäherler geçmişde il-güni daşky duşmanlardan goramakda möhüm ähmiýete eýe bolupdyr. Ol galalar we şäherler mongol basybalyjylarynyň ýörişlerinden soň ýykylypdyr. Galalar hakyndaky türkmen rowaýatlarynda we kyssalarynda taryhy hem-de çeper hakykatyň beýany saklanýar. «Gyzgala», «Hysrowgala», «Şasenemiň galasy», «Garaseňňer galasy», «Döwkesen», «Tumarlynyň galasy» we beýleki birnäçe galalar hakyndaky rowaýatlarda diňe bir galalar, şäherler, kentler hakynda däl, eýsem, şol döwrüň taryhy hadysalary, medeni we ruhy derejesi hem saklanýar.







Türkmenistanyň taryhy ýerlere baý künjekleriniň biri hem gadymy Daşoguz topragydyr. Daşoguz welaýaty ýurdumyzyň gadymy we baý mirasynyň genji-hazynasyny gursagynda saklap oturan ajaýyp mekandyr. Welaýatyň çägindäki türkmen sazynyň piri Aşyk Aýdyň piriň aramgähi, Şasenemiň galasy, Akja gala, Ybraýym Edhem galalar toplumy ýaly mukaddes ýerler daşary ýurtlularyň, öz ildeşlerimiziň iň gelim-gidimli ýerine öwrüldi. Bu gadymy toprakda Abu Reýhan Biruni, Mahmyt Zamahşary, Nejmeddin Kubra, Mahmyt Pälwan, Aşyk Aýdyň pir, Nurmuhammet Andalyp, Abdylla Şabende, Gurbanaly Magrupy ýaly Gündogaryň beýik alymlary we meşhur şahyrlary ýaşapdyrlar. Beýik alymlara bu ýerde düýpli ylmy-barlag işlerini alyp barmaga giň mümkinçilikler döredilipdir. Olar dünýä ylmynyň hem-de medeniýetiniň ösüşine bahasyna ýetip bolmajak goşant goşupdyrlar, halkymyzyň şan-şöhratyny belende göteripdirler.

Gadymy döwrüň çeper ýadygärligi bolan oguz dessanlarynda, galalar hakyndaky gadymy kyssalarda we rowaýatlarda belli bir derejede taryhy hakykatyň çeper beýany bar. Şoňa görä-de, türkmen kyssalarynda we rowaýatlarynda taryhy maglumatlar, seneler, hadysalar halk döredijiligine mahsus edebi-çeperçilik tärler, çeperçilik serişdeler esasynda beýan edilýär.

Taryhy wakalar hem-de taryhy şahslar bilen baglanyşykly rowaýatlara «Garaseňňer galasy», «Soltanýaz begiň galasy», «Abdyllahan galasy», «Magtymgala», «Ýartygala», «Baragyz», «Hysrowgala», «Bedirkent galasy» baradaky rowaýatlar degişlidir.

Galalar hakyndaky rowaýatlar nesilden-nesle geçip, has çeperleşipdir. Merdana halkymyzyň şöhratly geçmişinde öçmejek yz galdyran, gözbaşyny gadymdan alyp gaýdýan ylym-bilimiň mesgeni hökmünde bütin dünýäde meşhurlyga eýe bolan ýerleriň ýene biri hem Köneürgençdir. Beýik akyldarlary orta çykaran gadymy Köneürgenç diňe bir ylmyň, medeniýetiň ösen ýeri bolman, eýsem, bu toprak özüniň ajaýyp binagärçilik sungaty bilen hem uly meşhurlyga eýedir. Köneürgenç şäheri dünýäniň dürli ýurtlaryndan köp sanly syýahatçylaryň we ýurdumyzyň dürli künjeklerinden jahankeşdeleriň ünsüni özüne çekýär. Sebäbi umumadamzat ýaşaýşynyň ähli döwürleri üçin bahasyna ýetip bolmajak gymmatlyga öwrülen Köneürgenjiň gadymy ýadygärlikleri geçmişden habar berýär.

Medeni miras türkmeniň şan-şöhratdan doly geçmişine buýsanjydyr, şu gününe söýgüsidir, ertirine ynamydyr. Medeni miras gadymy hem müdimi halkymyzyň asyrlaryň dowamynda hoşalap çöplän paýhas hakydasydyr, şu gününe ygtybarly ynamydyr, ertirine ýol çelgisidir. Mahlasy, medeni miras türkmeniň geçmişidir, barlygydyr, dowamatydyr.

Türkmen halkynyň gadymdan gözbaş alyp gaýdýan edebi akabalarynyň, sungat däpleriniň adalaty, erkinligi, agzybirligi, mertligi we bitewüligi wasp etmedik döwri bolan däldir. Bu gün şol asylly däpler biziň beýik Garaşsyzlygymyzyň beren miweleri, röwşen ertiriniň mukaddes umytlary bilen birleşip, türkmen abraýynyň, mertebesiniň has-da belende göterilmegine hyzmat etmelidir.

Häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň tabşyryklaryna laýyklykda, ÝUNESKO-nyň işleri barada Türkmenistanyň Milli topary taryhy we medeni ýadygärliklerimizi dikeltmek, şonuň ýaly-da, ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizmek üçin bu desgalaryň sanyny artdyrmak babatynda welaýatlaryň çäklerinde degişli wagyz-nesihat işlerini yzygiderli guramagy dowam etdirýär. Milli gymmatlyklarymyzyň, taryhy ýadygärliklerimiziň abraýynyň has-da belende galmagy halkymyzyň buýsanjyny goşalandyrýar.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe milli mirasymyz sarpalanýar we ösdürilýär. Arkadagly Serdarymyzyň ruhy baýlyklarymyzy dünýä ýaýmak ugrunda alyp barýan işleri hemişe rowaçlyklara beslensin!

**Şemşat ÇARYÝEWA,**
*Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Daşoguz welaýat birleşmesiniň pudagara utgaşdyryjysy.*

# Abuna ýazylmaga howlugyň!




2023-nji ýylyň I ýarym ýyllygy üçin abuna ýazylyşygy ýurdumyzyň ähli ýerlerinde bolşy ýaly Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etrabynda hem gyzgalaňly dowam edýär. Etrabymyzyň ähli pudaklarynda zähmet çekýän hünärmenler gazetiň çap edilýän görnüşi bilen bir hatarda elektron görnüşine hem abuna ýazylýarlar. Mälim bolşy ýaly, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Arkadagly Serdarymyzyň bimöçber aladasy bilen sanly ulgamy ösdürmek, elektron dolanyşygyna geçmek boýunça ägirt uly işler durmuşa geçirilýär, sanly ulgamyň mümkinçilikleri barha giňeldilýär. Häzirki wagtda islendik ýerde ykjam öýjükli el telefonlaryň, ýan kompýuterleriň üsti bilen dürli görnüşli tölegleri etmek, ýol petekleri satyn almak, öý hojalyk we beýleki zerur zatlary buýurmalar esasynda satyn almak hem-de ähli gazet-žurnallary okamak, abuna bolmak mümkin. Munuň özi her bir raýatyň wagtyny tygşytlamaga, artykmaç çykdaýjylary azaltmaga mümkinçilik berýär.

2023-nji ýylyň I ýarym ýyllygy üçin abuna ýazylyşygy döwründe ýurdumyzyň beýleki gazet-žurnallary bilen bir hatarda «Zaman-Türkmenistan» gazetine hem abuna ýazylýanlaryň köpdügini bellemek gerek. Çünki bu gazetiň üsti bilen diňe bir öz ýurdumyzdaky däl, eýsem, dünýädäki täzelikler bilen hem tanyşmak mümkin. Gazetiň habarlar, Watan waspy, sungat, edebiýat, çagalar, okaň-dynç alyň, dünýä täzelikleri, sport ýaly sahypalarynda çap edilýän makalalar özüniň täsirliligi, özüne çekijiligi bilen aýratyn tapawutlanýar. Çagalar üçin berilýän oýunlar, hekaýalar, ertekiler, tapmaçalar, suratlar özüniň gyzyklylygy bilen çagalaryň ünsüni özüne çekýär. Şonuň ýaly hem yzygiderli berilýän krosswordlar, skanwordlar dynç alyş wagtyňy mazmunly geçirmäge ýardam berýär. Şonuň üçin hem «Zaman-Türkmenistan» gazetiniň çap edilýän hem-de elektron görnüşine abuna ýazylmaga howlugyň! Siz gazet sahypalaryndaky täsirli habarlardyr makalalary okap, boş wagtyňyzy gyzykly geçirip bilersiňiz.

**Gülhumar HOJAHMETOWA,**
*Türkmenistanyň Agrar partiýasynyň Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etrap komitetiniň esasy hünärmeni.*

# Hytaý we Germaniýa hyzmatdaşlygyny işjeňleşdirer

Hytaýyň Başlygy Si Szinpin 4-nji noýabrda Pekinde Germaniýanyň Kansleri Olaf Şols bilen duşuşyk geçirdi. Bu barada Hytaýyň Merkezi telewideniýesi habar berdi. Hytaýyň lideri federal Kansleri Halk ýygnagy öýünde (mejlis) kabul etdi. Duşuşygyň barşynda taraplar özara hormat goýmak we özara bähbitlilik ýörelgelerine laýyklykda, hytaý-german hyzmatdaşlygyny dürli ugurlar boýunça ösdürmegiň möhümdigine ünsi çekdiler.

Hytaýyň Başlygy duşuşygyň barşynda iki ýurduň arasynda has ýygjam hyzmatdaşlygyň zerurdygyny belledi.

– Häzirki wagtda täsirli ýurtlar hökmünde Hytaý we Germaniýa dünýä parahatçylygyna we ösüşine uly goşant goşmak maksady bilen tagallalaryny birikdirip, has-da çynlakaý işlemeli – diýip, Si Szinpin belledi.

Olaf Şols hem öz gezeginde, iki ýurduň ýolbaşçylarynyň ikiçäk duşuşyk geçirmegine döredilen mümkinçilige oňyn baha berip, özüniň Hytaýa saparynyň döwletara hyzmatdaşlygynyň netijeli özara hereketleriniň ösdürilmegine we artdyrylmagyna täze depgin berjekdigine ynam bildirdi.

Duşuşygyň barşynda hytaý-german ykdysady gatnaşyklaryny ösdürmegiň esasy ugurlary, şeýle hem iki ýurduň dürli ugurlar boýunça garaýyşlary ara alnyp maslahatlaşyldy. Şeýle-de, dünýäde emele gelen çylşyrymly ýagdaýlar, howanyň üýtgemeginiň



ýaramaz netijelerine garşy göreş we beýleki global meseleler maslahatlaşyldy.

Olaf Şolsuň häzirki sapary Germaniýanyň Kansleriniň 2021-nji ýylda wezipesine girişeli bäri Hytaýa amala aşyran ilkinji saparydyr. Bilermenler Şolsuň saparynyň Hytaý bilen Günbataryň arasyndaky gatnaşyklary täze derejä çykarjakdygyny belleýärler.

# «Milli bileleşigiň» täze baştutany

Ýewropa parlamentiniň wekili Žordan Bardella «Milli bileleşik» partiýasynyň başlygy wezipesine saýlandy. 2022-nji ýyldaky prezidentlik kampaniýasy başlamazdan öň bu partiýa Marin Le Pen ýolbaşçylyk edýärdi.

Le Pen «Milli bileleşigiň» gurultaýynda partiýanyň içindäki ses berişligiň netijelerini yglan etdi. Bardellanyň bu saýlawda ýeke-täk bäsdeşi Perpinýanyň 53 ýaşly häkimi Lui Aliody. Ol saýlawçylaryň umumy sanynyň bary-ýogy 15,16% sesini aldy. Jemi 36,6 müň adam saýlawlara gatnaşdy. Bardella häzirki saýlawlara partiýanyň başlygynyň wezipesini wagtlaýyn ýerine ýetiriji hökmünde gatnaşdy. Oňa degişli wezipeler 2021-nji ýylyň iýulynda «Milli bileleşigiň» öňki başlygy Marin Le Pen tarapyndan berildi. Ol bu karary 2022-nji ýyldaky Prezident saýlawlarynyň öňüsyrasyndaky kampaniýa ünsi jemlemek hem-de syýasatçylaryň ýaş nesline pursat bermek islegi bilen düşündirdi.

Le Pen ikinji tapgyrda Emmanuel Makrondan ýeňlip, (58,55% - Makron, 41,45% - Le Pen) partiýanyň başlygy wezipesine gaýtadan saýlanmajakdygyny mälim etdi we Fransiýanyň Milli Assambleýasyndaky (parlamentiň aşaky palatasy) «Milli bileleşigiň» fraksiýasyna ýolbaşçylyk edip, ýurduň syýasy durmuşyna işjeň gatnaşmagyny dowam etdirjekdigini aýdypdy. Bardella Sen-Sen-Denidäki Žan-Batist-de-La-Sal okuw mekdebinde ykdy-



sadyýet we jemgyýetçilik ylymlary boýunça bakalawr derejesini aldy. Ýewropanyň ýaş deputaty syýasy karýerasyna 2012-nji ýylda «Milli bileleşik» partiýasynda başlap, üç ýyldan soň Sen-Sen-Denide partiýa sekretary boldy. 2015-nji ýyldan 2017-nji ýyla çenli partiýanyň metbugat sekretary boldy. 2019-njy ýyldan bäri partiýanyň başlygynyň orunbasary bolup, şol ýyl Ýewropa Parlamentine geçirilen saýlawlarda ýeňiş gazandy.

# HOWA BOÝUNÇA SAMMIT GEÇIRILÝÄR

6-njy noýabrda Müsüriň Şarm-el-Şeýh şäherinde 120-den gowrak dünýä liderleriniň gatnaşmagynda howa boýunça bütindünýä sammiti öz işine başlady. Birleşen Milletler Guramasynyň Howanyň üýtgemegi baradaky Çarçuwaly konwensiýasynyň (COP-27) 27-nji maslahatynyň başlygy hökmünde Müsür ösýän ýurtlaryň meselelerine we zerurlyklaryna aýratyn üns bermegi maksat edinýär.

Müsüriň Prezidenti Abdel Fattah Al-Sisi maslahata gatnaşyjylara ýüzlenmesinde: «Dünýä hakykatdan-da çydamlylygyny güýçlendirmegi we uýgunlaşmak ukybyny ýokarlandyrmagy maksat edinýän bolsa, ähli ýurtlaryň gyssagly hereket etmegi zerur» diýip belledi. Prezident bu sammitiň geçirilmegi bilen «Afrikanyň we dünýäniň abadançylygy üçin howanyň üýtgemeginiň ýaramaz täsirlerine garşy göreşde halkara tagallalarynda düýpli öwrülişik bolar» diýip umyt bildirdi.

18-nji noýabra çenli Şarm-el-Şeýhde dowam etjek maslahata dürli ýurtlardan 40 müňe golaý wekil, döwlete degişli däl guramalaryň wekilleri, bilermenler we žurnalistler geldi. COP26-nyň prezidenti Alok Şarma başlyklygy Müsüriň daşary işler ministri



Samih Şukrä geçirýändigini yglan etdi. Ol dabarada eden çykyşynda howanyň üýtgemeginde hereketsizligiň agyr netijelerini belläp, bu ugurda aýgytly hereketleriň zerurdygyny aýtdy.

COP27-niň temasy bilen baglanyşykly geçirilýän çäreleriň iň möhümi, dünýä liderleriniň sammiti bolup, 7-8-nji noýabrda döwlet we hökümet Baştutanlary «milli ýüzlenmeler» bilen çykyş etdiler. Liderler çykyşlarynda öz ýurtlarynyň häzirki ekologiýa ýagdaýy, tebigy ätiýaçlyklaryny tygşytlamak, azyk howpsuzlygy, tebigy betbagtçylyklardan goranmak, «ýaşyl» energiýa, şeýle-de, howanyň üýtgemeginiň ýaramaz netijeleriniň öňüni almak boýunça maksatnamalarynda garyp ýurtlara gönükdirilýän maliýe goldawlary baradaky maksatnamalaryny beýan etdiler.

Sammite Ýewropa liderlerinden Serbiýanyň Prezidenti Aleksandr Wuçiç, Fransiýanyň Prezidenti Emmanuel Makron, Beýik Britaniýanyň Premýer-ministri Rişi Sunak, Germaniýanyň Kansleri Olaf Şols, Italiýanyň Premýer-ministri Jorja Meloni, gatnaşdy. Ýakyn Gündogar ýurtlarynyň wekiliýetine Alžiriň Prezidenti Abdelmajid Tebbun, Iordaniýanyň Patyşasy Abdalla II, Yragyň Prezidenti Abdul Latif Raşid, Birleşen Arap Emirlikleriniň Prezidenti Muhammed Bin Zaýed Al Nahaýýan, Palestinanyň Prezidenti Mahmud Abbas we Saud Arabystany Patyşalygynyň Mirasdüşer Şazadasy Mohammed bin Salman Al Saud ýolbaşçylyk etdi.

Maslahata gatnaşyjylaryň öňünde durýan esasy meseleleriň biri hem maliýe meseleleri bolup durýar. Ösen ýurtlar maliýe we energiýa çökgünliklerinde ösýän ýurtlaryň howasynyň üýtgemeginiň ýaramaz täsirlerine garşy göreşde goldaw bermek üçin ýylda 100 milliard dollar wadasyny nädip berjaý etmelidigini çözmeli bolarlar. Mundan başga-da, maslahatyň esasy gün tertibine ýyladyşhana gazlaryny azaltmak we howanyň üýtgemegine uýgunlaşmak ýaly çäreleri işläp düzmek ýaly meseleler girýär.

Howa boýunça ilkinji Bütindünýä sammiti 1995-nji ýylda Berlinde guralyp, şondan bäri her ýyl geçirilýär. Bu maslahat Afrika, Aziýa, Latyn Amerikasy, Karib deňzi we Ýewropa ýurtlarynyň şäherleriniň birinde geçirilýär.

# ILKINJI BRENDINI DÖRETDI

Saud Arabystany elektroulaglary öndürmäge niýetlenen «Sir» atly ilkinji awtoulag brendini çykardy. Bu barada Patyşalygyň Mirasdüşer Şazadasy Mohammed bin Salman bin Abdel-aziz Al Saud habar berdi.

– Saud Arabystany häzirki wagtda diňe bir täze awtoulag brendini däl, eýsem, talabalaýyk pudagy döredýär – diýip, Saud habarlar agentligi Mirasdüşer Şazadanyň sözlerini getirýär. Bu pudak daşary ýurt maýa goýumlaryny özüne çeker, Patyşalygyň hünärmenleri üçin köp sanly iş orunlaryny döreder. Şeýle-de, hususy pudagy ösdürmäge we ýakyn ýyllarda Saud Arabystanynyň jemi içerki önümini ýokarlandyrmaga kömek eder.

Agentligiň maglumatlaryna görä, «Sir» diňe bir içerki sarp edijiler üçin däl, eýsem, Ýakyn Gündogar ýurtlarynda hem satmaga niýetlenen awtoulaglary öndürer. Taslamanyň 150 million dollar möçberinde daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmegine, 30 müňe golaý iş ornunyň döredilmegine we 2034-nji ýyla çenli girdejileriniň 8 milliard dollar bolmagyna garaşylýar.

«Sir» Saud Arabystanynyň Garaşsyz gaznasynyň we Taýwanyň «Foxconn» elektronika ön-



dürijisiniň bilelikdäki taslamasydyr. Ýöne her bir awtomobil diňe patyşalygyň çäginde öndüriler. Öndürilen ulag serişdeleriniň dünýä ülňülerine laýyklykda synaglary hem şol ýerde geçiriler. Saud Arabystanynyň öndüren ilkinji elektromobilleri 2025-nji ýylda satuwa çykarylar.

# ILON MASK G20 SAMMITINE GATNAŞAR

«SpaceX» kompaniýasynyň baş direktory Ilon Mask «Uly ýigrimiligiň» (G20) sammitine gatnaşmakçy. Bu barada «CNN Indoneziýa» teleýaýlymy habar berdi. Maglumatlara görä, Mask «Geljegiň global tehnologik innowasiýalary üçin nawigasiýa» sessiýasynda çykyş eder. Indoneziýanyň häkimiýetleri G20 ýurtlarynyň döwlet Baştutanlarynyň 17-nji sammitini şu ýylyň 15-16-njy noýabrynda Bali adasynda ýüzbe-ýüz ýagdaýda geçirmegi meýilleşdirýär.

Mundan başga-da, G20 toparyna agza ýurtlaryň ýolbaşçylarynyň 17-si G20 sammitine gatnaşjakdyklaryny tassykladylar. Bu barada Indoneziýanyň Daşary işler ministrliginiň resmi wekili Teuku Faýzaşah aýtdy. Teuku Faýzaşah ýene-de üç döwletden jogaba garaşýandyklaryny ýaňzytdy. Indoneziýanyň daşary işler ministri Retno Marsudi Beýik Britaniýanyň täze Premýer-ministri Rişi Sunak bilen Italiýanyň Premýer-ministri Jorja Meloniniň ýakyn wagtda geçiriljek G20 sammitine gatnaşjakdygyny tassyklady. – G20 ýurtlarynyň ýolbaşçylary Bali adasyna 13-nji noýabrdan başlap gelip ugrarlar hem-de 16-17-nji noýabrda öz ýurtlaryna dolanarlar – diýip, Marsudi sözüniň üstüne goşdy. Olaryň käbiriniň Aziýa-Ýuwaş umman ykdysady hyzmatdaşlygy (APEC) sammitine gatnaşmak üçin Baliden Taýlandyň paýtagty Bangkoga uçjakdygyny tassyklady.

«Uly ýigrimiligiň» düzümine Awstraliýa, Argentina, Braziliýa, Beýik Britaniýa, Ger-



maniýa, Hindistan, Indoneziýa, Italiýa, Kanada, Hytaý, Meksika, Russiýa, Saud Arabystany, ABŞ, Türkiýe, Fransiýa, Koreýa Respublikasy, Günorta Afrika Respublikasy, Ýaponiýa we Ýewropa Bileleşigi ýaly ykdysadyýeti has ösen we ösýän ýurtlar girýär.

G20 topary dünýäniň jemi içerki önüminiň 85 göterimini, dünýä söwdasynyň 75 göterimini, şeýle hem dünýä ilatynyň üçden iki bölegini emele getirýär. 1999-njy ýylda esaslandyrylan bu Halkara guramasynyň maslahatynda, esasan, halkara maliýe ulgamyndaky hyzmatdaşlygyň möhüm meseleleri ara alnyp maslahatlaşylýar.

# «FORBES»-iň TÄZE SANAWY

«Forbes» amerikan žurnaly iň köp girdeji gazanýan merhum meşhur adamlaryň ýyllyk sanawyny hödürledi. Sanawda birinji orny britan ýazyjysy Jon Tolkin (1892-1973) eýeledi. Hünärmenler ýazyjynyň ýyllyk girdejisini 500 million dollar diýip bahalandyrdylar.

«Forbes»-iň sanawynda 2021-nji ýylyň 1-nji noýabryndan şu ýylyň 30-njy oktýabryna çenli iň köp girdeji gazanan 13 meşhur adam bar. «Forbes» žurnalynyň wekilleri, esasan, satuwdan, striming platformalaryndaky diňlemelerden, ygtyýarnama şertnamalarynyň baglaşylmagyndan gazanylan girdejileri göz öňünde tutýar. Sanawa giren meşhurlaryň hemmesi 1,6 milliard dollardan gowrak girdeji gazandy, bu geçen ýylkydan 72% ýokary. Bu «Forbes»-iň şular ýaly sanawlary düzüp başlaly bäri – 2001-nji ýyldan soň iň möhüm ýyllyk ösüşdir.

«Forbes»-iň sanawynda amerikaly basketbolçy Kobe Braýant (1978-2020) ikinji orunda gelýär. Ol bir ýylda 400 million dollar gazanyp, muny «Coca-Cola»-nyň «BodyArmor»-daky paýyny satmakdan gazandy. Üçünji orny baýlygy bir ýylda 250 million dollar köpelen britaniýaly sazanda we aktýor Dewid Boui (1947-2016) eýeledi.



Şeýle-de, «Forbes»-iň sanawyna amerikaly sazandalar, ýagny, bir ýylda 110 million dollar «baýan» Elwis Presli (1935-1977), 100 million dollar bilen Jeýms Braun (1933-2006) hem-de 75 million dollar bilen Maýkl Jekson (1958-2009) girdi. Kanadaly şahyr, ýazyjy we aýdymçy Leonard Koen (1934-2016) bir ýylda 55 million dollar gazandy, amerikaly çagalar ýazyjysy Teodor Sýuzyň (1904-1991) mirasy oňa bir ýylda 32 million dollar getirdi.

# TÄZE ULGAM DÖREDILDI

Wenanyň şäher häkimligi jemgyýetçilik ulag serişdeleriniň täze görnüşi hökmünde welosiped hödürledi. Mundan ozal dünýäniň köp sanly iri şäherlerinde elektroulaglary kärendesine berýän ulgamlar ýola goýlupdy. Bu ulgam adamlaryň özüne ýakyn islendik duralgadaky ulagy kärendesine alyp, barjak ýerine çenli aşmaga mümkinçilik berýär. Indi bolsa şeýle ulgam welosipedler üçin hem ýaýbaňlandyrylyp başlandy. Awstriýanyň paýtagtynda iki tigirli ulaglary kärendesine berýän tor işe girizildi. Häkimlik şäher üçin 3 müň welosiped satyn alyp, 200-den gowrak kärende nokatlaryny döretdi.

Bu ulgamdan peýdalanmak üçin şäheriň jemgyýetçilik ulagy kartyndan töleg edip bolýar. Onuň tölegi ýarym sagat üçin 30 ýewrosent. Ýol peteksiz gezelenjiň bahasy 60 ýewrosente deň.

Awtoulaglar adatça, ekologiýa taýdan ýaramsyz ulag serişdesi hasaplanýar. Maglumatlara görä, awtoulaglar Ýewropadaky ýyladyşhana gazlarynyň 72 göterimini emele getirýär. Ýew-



ropada adamlary öz hususy awtoulaglaryndan az ulanmaga höweslendirmek maksady bilen dürli çäreler geçirilýär. Mysal üçin, Fransiýada elektrowelosiped satyn almak isleýänlere 4 müň ýewro berlip başlanan bolsa, Ispaniýada elektrik otlularda tölegsiz gatnamak ýola goýuldy.

# DÜNÝÄ HABARLARY

## gysga setirlerde

**Gonkur baýragyna eýe boldy.** Fransiýaly ýazyjy Brižit Žiro Gonkur baýragyna eýe boldy. Onuň «Çalt ýaşamak» (Vivre vite) atly romany 2022-nji ýylyň fransuz dilindäki iň gowy eseri diýlip yglan edildi. Žironyň baýragyň taryhynda bu sylaga mynasyp görlen on üçünji zenan ýazyjy bolandygy habar berilýär.



**Köplük gazanan bileleşik.** Ysraýylyň öňki Premýer-ministri Binýamin Netanýahu Knessete (mejlis) geçirilen saýlawlarda 64 orun eýeläp, köplügi gazandy. Saýlaw býulletenleri sanalandan soň, Netanýahunyň «Likud» partiýasynyň 32 orny, häkimiýetdäki «Eş Atid» partiýasynyň bolsa, 24 orny eýeländigi belli boldy.



**Maradonanyň ägirt uly suraty.** Argentinanyň paýtagty Buenos-Aýres şäherinde meşhur futbolçy Diýego Maradonanyň ägirt uly suraty peýda boldy. Martin Ron tarapyndan döredilen sungat eseri 14 gatly binany bezeýär. Beýikligi 45 metre deň, 1600 metr meýdany eýeleýän bu surat 25 günde döredildi. Onuň üçin 800 litr boýag ulanyldy.



**«Ýylyň guşy».** Piwauwau atly köplere belli bolmadyk sarymtyl-ýaşyl guşjagaz Täze Zelandiýada her ýyl geçirilýän «Ýylyň guşy» bäsleşiginiň ýeňijisi boldy. Gök reňkli seýrek duş gelýän bu guşuň agramy 20 grama hem ýetmeýär. Geçen ýyl uzyn guýrukly ýarganat bu bäsleşigiň ýeňijisi bolupdy.



**Ilkinji çap nusgasy satylar.** ABŞ-daky «Sotheby's» auksionynda ýurduň ilkinji çap edilen Konstitusiýasy satylar. Bu resminama 1787-nji ýylyň 17-nji sentýabrynda Filadelfiýada kabul edildi. Onuň häzire çenli 13 nusgasy saklanyp galypdyr. Auksion dekabr aýynyň ortalarynda geçiriler. Resminamanyň başlangyç bahasy 30 million dollar bolar.



**Arap dünýäsine ýolbaşçylyk eder.** Halkara Pul Gaznasy 2023-nji ýylda arap dünýäsiniň ýurtlarynda ykdysady görkezijileri görkezýän hasabat çap etdi. HPG-niň çaklamalaryna görä, Liwiýa 2023-nji ýylda ykdysady ösüş depgini babatda arap dünýäsine ýolbaşçylyk eder. Demirgazyk Afrika ýurtlarynyň ykdysadyýeti 17,9%-e deň bolar.



**Karl III şekilli şaýylyk çykaryldy.** Beýik Britaniýanyň patyşalyk zikgehanasy Karl III şekillendirilen 50 pens nominalda şaýylyk çykaryp başlady. Şu ýylyň ahyryna çenli 9,6 million şaýylyk çykarylar. Dizaýny heýkeltaraş Martin Jennings tarapyndan işlenilip düzülen şaýylyk dekabr aýynda dolanyşyga giriziler.



**Çörekçileriň rekordy.** Meksikaly çörekçiler 20 müň 689 çöregi bişirip, ondan 206 metr meýdany eýeleýän iň uly çörek mozaikasyny düzdüler. Ginnesiň rekordlar kitabynyň wekilleri çörekçilere mozaika düzülen ähli çöregi bişirmek üçin iki hepde gerek bolandygyny belleýärler.



# TARYHDA ŞU GÜN

Winsent Wan Goguň çeken kartinalarynyň bahasy 1970-nji ýyllardan soň has-da artdy. Onuň kartinalarynyň bahasynyň ýokarlanmagy ýene-de dowam edýär. 1987-nji ýylyň 11-nji noýabrynda Wan Goguň «Irisler» atly kartinasy «Sotheby's» auksionynda şol döwür üçin rekord derejede – 53,9 million dollara satyldy.



# FUNIKULÝAR: DAGA ÇYKÝAN OTLULAR

Ilkinji demir ýollar, esasan, demir, kömür ýaly dagmagdan önümlerini daşamak üçin gurlupdyr. Aşa köp ýüki aňsatlyk bilen daşamaga mümkinçilik berýän polat ýollar soňlugy bilen ýolagçy gatnatmakda we beýleki ugurlarda hem peýdalanylyp başlanypdyr. Wagtyň geçmegi bilen tekiz poladyň üstünden süýnüp gidýän otlulary dagyň astyndan, belent gerişlerden, deňziň düýbünden geçirmek meselesi ýüze çykypdyr. Inženerler şol döwürde bar bolan tehniki mümkinçiliklerden we tehnologiýadan peýdalanyp, munuň iň aňsat we ygtybarly ýollaryny tapmaly bolupdyrlar. Tekiz ýerde aňsatlyk bilen hereket edýän hem bolsa, sürtülmäniň azdygy sebäpli demir ýol ulagynyň dag gerişlerine çykmagynda kynçylyk döräpdir. Muňa çözgüt hökmünde inženerler demir ýoluň adaty iki relsiniň arasyndan çarhly (hyrly), iki trosy bolan ýene bir relsi çekýärler. Demir ýol ulagynyň merkezinde ýerleşýän çarhly tigir şol hyrly demre mäkäm ýapyşyp, aňsatlyk bilen ýokary galypdyr. Bu çarhly ulgam demir ýol ulagy ýapgytdan aşak ineninde hem tizligini kadaly saklamaga ýardam edipdir. Mundan başga-da, biri ýapgydyň aşagynda, beýlekisi ýokarsynda durup, biri-biriniň deňagramlylygyny sazlaýan iki otly şol bir ýolda garşylykly hereket edip, daga çykmak üçin biri-birine goldaw berýär. Haçanda biri-biriniň gabadyna gelende aýlawly geçelge arkaly orunlaryny çalyşýarlar. Bu ýagdaý gezekli-gezegine gaýtalanyp durýar. Depelere barmak üçin ulanylýan adaty otludan has kiçi bolan bu demir ýol ulgamyna «funikulýar» diýilýär.

«Funikulýar» sözi latynça «funiculus» sözünden gelip çykyp, «ýüp» diýen manyny berýär. Taryhy maglumatlara görä, iň gadymy funikulýar otly Hoenzalsburg galasyna (Awstriýa) gatnaýan Raýssug hasaplanýar. 1500-nji ýyllarda işe girizilen bu «arabajyk» häzirki wagtda ýüpler hem-de elektrik hereketlendirijisi bilen hereket edýär. Gazetimiziň şu sanynda daglyk sebitlerde gurlan funikulýar demir ýol ulaglary baradaky gyzykly maglumatlary dykgatyňyza ýetirýäris.





**Pilatus, Şweýsariýa.** Lýuserne şäheriniň golaýynda 1889-njy ýylda işe girizilen bu inženerçilik taslamasy dünýädäki iň dik demir ýol hasaplanýar. Iň dik ýeri 48 dereje bolan uzynlygy 1635 metr depä galýan funikulýar otly Şweýsariýada Alp daglarynyň üstünden geçip, Pilatus dagynyň buzly gaýalaryna, Lýuserne kölüne çenli baryp ýetýär.



**Oigawa, Ýaponiýa.** Şizuoka sebitiniň çaýly meýdanlaryndan, bambuk tokaýlaryndan we Oi derýasynyň boýundaky alça baglaryndan geçip gidýän bu demir ýol daglyk sebitlere gezelenç etmek maksady bilen açylan Ýaponiýanyň ýeke-täk funikulýar ulgamydyr. 1927-nji ýylda gurlan demir ýoluň ugrunda 60 töweregi tunnel bar. Teplowozyň irki döwürleri ýadyňa salýan agaç wagonlarynda syýahatçylaryň ýapon tebigatyny synlamagyna mümkinçilik döreýär.



**Şafberg, Awstriýa.** Bug bilen hereket edip, dik ýokarlygyna çykýan Awstriýanyň funikulýar otlusy 1893-nji ýyldan bäri kölüň kenaryndaky Wolfgangdan Şafbergiň depesine çenli ýolagçylary gatnadýar. 5,85 kilometr ýol geçýän otly 1200 metr beýiklige galýar. 35 minutlyk gezelençde gülli çemenlikleri, Alp daglarynyň merkezine uzap gidýän köli, Alp dagynyň tebigatyny we buzlugy synlap bolýar.



**Nilgiri, Hindistan.** 1908-nji ýylda Tamil-Nadu şäherinde gurlan, henizem bug lokomotiwleri bilen işleýän bu demir ýol Hindistanyň iň dik funikulýar ulgamy hasaplanýar. ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilen bu otly Mettupalaýamdan iň beýik stansiýa Utakamanda çenli gatnaw edýär. Funikulýar demir ýolunyň ugrunda 16 tunnel, 250 köpri we 208 aýlawly öwrüm bar. Otly 46 kilometr ýol geçmek üçin bäş sagada golaý wagt sarp edýär. Hindi kinofilmleriniň esasy bezegine öwrülen bu otluda Nilgiri dagynyň tebigatyny we gözelliklerini synlamaga mümkinçilik döreýär.



**Waşington-Kog, ABŞ.** Waşington dagyna çykýan bu demir ýol «Kog» ady bilen tanalýar. Nýu-Hempşir şäherindäki funikulýar otly bioýangyç bilen işleýär. Demir ýoluň uzynlygy 5 kilometr bolup, otly Waşington dagynyň günbataryndaky 1917 metrlik (37%) beýiklige çykmak üçin bir sagatdan gowrak wagt sarp edýär. Syýahatçylar funikulýar otly arkaly dagyň üstündäki dynç alyş merkezlerine baryp, dagyň tebigatyny synlap bilýärler.



**Snowdon, Beýik Britaniýa.** Uels şäheriniň demirgazyk-günbataryndaky Snowdon dagynyň depesindäki Snowdoniýa milli seýilgähine barýan bu otly 7,6 kilometr ýol geçip, 1065 metr beýiklige galýar. Angliýanyň ýeke-täk funikulýar otlusy bir asyrdan gowrak wagt bäri syýahatçylara hyzmat edýär. Bug lokomotiwi bilen işleýän otly gülli meýdanlardan, şaglawukly gaýalardan geçip, ýolagçylara tebigy gözellikleri synlamaga mümkinçilik döredýär.



**Diakopton-Kalawrita, Gresiýa.** 1896-njy ýylda açylan bu demir ýol Diakopton we Kalawrita şäherleriniň arasynda hereket edýän Gresiýanyň taryhy demir ýol ulgamydyr. Syýahatçylara funikulýar otly bilen 22 kilometrlik ýoluň dowamynda Korinf kanalynyň ýakasyndan, Wuraýkos jülgesinden geçip, bir sagatlyk gezelenjiň dowamynda dag tebigatyny, şarlawuklary synlamaga şert döreýär.

# STRESI AZALTMAGYŇ USULLARY





Ertirlik naharyny edinmek, wagtly-wagtynda dynç almak we gezelenç etmek stresi ýeňip geçmegiň bir usuly hasaplanýar. Stresli ýagdaýda nerw we endokrin ulgamy dartgynly bolup, paýhasly netije çykarmakda, rahat bolmakda hem-de şowly işlemekde birnäçe kynçylyklar ýüze çykýar. Bu bolsa daş-töwerege täsirini ýetirmek bilen bir hatarda, saglyk üçin hem zyýanlydyr.

Stresi azaltmagyň we çydamlylygy ýokarlandyrmagyň birnäçe ýönekeý usuly bar.

**Özara gatnaşyk.** Bilermenleriň bellemegine görä, maşgala we dostlar adamyň esasy daýanjy bolup, olar bilen ýakyn aragatnaşyk saklamak, derdiňi paýlaşmak stresiň derejesini azaldýar. Şonuň üçin günüň dowamynda ýakynlaryňyz bilen söhbetleşmäge wagt aýryň!

**Täze zatlary öwrenmek.** Gaýtalanýan durmuş ýörelgeleri stresiň derejesini artdyryp biler. Şol sebäpli täzeçillikleri durmuşyňyza ornaşdyrmagy endik ediniň! Muňa dil öwrenmek, goşmaça hünär öwrenmek, programmalary özleşdirmek mysal bolup biler.

**Dynç gününi dogry geçirmek.** Iş günlerinden soň, dynç alyş gününi şahsy meýilnama esasynda peýdaly geçirmek iň dogrusydyr. Dynç alyş güni tehnologik enjamlardan uzakda bolup, maşgala bolup dynç almagy, teatrlara, seýilgählere gezelenje gitmegi, süýjüliklerdir tagamlary bişirmegi ýola goýuň! Şeýle hem dynç alyş güni dostlaryňyz bilen sport oýunlaryny hem gurap bilersiňiz.

**Yzygiderli maşk etmek.** Maşk etmek fiziki işjeňligi artdyrmak bilen bir hatarda, beýnidäki gan aýlanyşyny kadalaşdyryp, şähdaçyk bolmaga ýardam edýär. Şeýle hem işde şowly netijeleri gazanmaga itergi berýär.

**Tebigatda gezelenç etmek.** Agaçlardyr otlar bilen gurşalan meýdanda gezelenç etmek stresi azaltmagyň iň ýeňil usulydyr. Şeýle ýagdaýda beýni kislorod bilen doly üpjün edilýär, gözdäki nerw damarlary ýaşyl meýdanda rahatlanyp, dartgynlylygyň derejesi azalýar.

**Dogry dem almak.** Stresli ýagdaýda köplenç gysga, çalt-çaltdan dem alýarys ýa-da demimizi saklaýarys. Bu saglyk üçin zyýanly bolup, tersine haýaljakdan çuňňur dem almak rahatlanmaga uly kömek edýär. Şeýle ýagdaýda dem alyş maşkyny (ýuwaşjadan dem alyp, biraz saklap, soňra ýuwaşjadan goýbermek) ýerine ýetirmek iň dogrusydyr.

**Edilmeli işleriň sanawyny ýazmak.** Gündelik durmuşda bökdençlik döredýän zatlaryň biri hem edilmeli işiň wagtynda ýerine ýetirilmezligi ýa-da ýatdan çykmagydyr. Şol sebäpli etmeli işleriňiziň sanawyny kagyza belleseňiz netijeli bolar hem-de stresiň derejesini kemelder.

# ÇAGALAR

✓ 1857-nji ýylda Nýu-Ýorkdaky «Haughwout» söwda merkezinde ilkinji lift ulgamy döredilip, bir minutda bary-ýogy 12,2 metr aralygy geçýän eken.

## Altyn palta

*(erteki)*



Ir zamanlarda bir garyp daýhan bar eken. Ol aýaly we çagalary bilen kiçijik bir külbede ýaşaýan eken. Günleriň bir güni ol baý goňşusyndan palta diläp barýar. Goňşusy öwüne-öwüne oňa paltasyny berip goýberýär. Paltany alan daýhan odun ýatyrmak üçin, eşegine münüp tokaýa gidýär. Ol ep-esli odun ýatyrandan soňra birdenkä paltanyň çüwdesi sypýar-da, gapdalyndaky güýçli akyp ýatan bol suwly derýa gaçýar. Ol elinde galan palta sapyna seredip allaniçiksi bolup durşuna, ederini bilmän derýanyň boýuny syryp gidiberýär. Derýa daýhany suw degirmeniniň üstünden eltýär. Daýhan bu ýerde peýwagtyna äwmän işläp ýören ak sakgally, ýüzi nurana harazçy ýaşula paltasyny derýa gaçyrandygyny, onuň suw bilen akyp, degirmene düşen bolmagynyň mümkindigini gürrüň berýär. Harazçy goja degirmeni togtadyp, çarhlaryň arasyna eline sokýar-da altyn çüwdeli bir paltany çykaryp:

– Seniň diýýäniň şu paltamy? – diýip soraýar. Daýhan bolsa:

– Ýok, ýok, bu däl – diýip, jogap berýär. Ýaşuly gaýtadan elini çarha sokup, kümüş çüwdeli paltany çykaryp, ýene-de şol bir sowaly berýär. Daýhan hem ýaňky jogabyny gaýtalaýar. Ýaşuly elini suwa sokup üçünji gezek demir paltany çykaran badyna, odunçy paltany tanap:

– Ine, meniň suwa gaçyran paltam şu – diýip, ýitgisine elini uzadýar. Ýaşuly daýhanyň demir paltasyny berensoň:

– Hany biraz saklan, gardaş! - diýip, soragly ýüzüni daýhana öwrüp, oňa içgin seredýär.

– Inim, bu seniň üçin hakyky synag boldy. Sen paltaňy gözläp, näderejede kanagatly, sabyrly we päk ýürekli ynsandygyňy subut etdiň. Şol sebäpli men saňa «altyn paltany» sowgat berýän. Ol seni hiç haçan hor etmez – diýip, pukara daýhanyň eline altyn paltany hem tutdurup goýberýär. Daýhan paltalaryny we ýyganja ýylgynlaryny eşegine urup, öýüne gelýär. Ol derrew goňşusynyň demir paltasyny «taňryýalkasyny» bilen eltip berýär.

Şol günden başlap, daýhanyň işleri şowuna bolup gidiberýär. Altyn paltanyň berekedi bilen daýhanyň «gum diýip garbany gyzyl bolýar». Onuň mal-mülki artyp, obanyň depseň yranmaz baýlarynyň birine öwrülýär. Ýöne geçmişde gören görgüleriniň hiç birini unutmaýar.

Günleriň bir güni baý goňşusy ondan nädip bu derejä ýetendigini soranda, daýhan başyndan geçiren ahwalatlaryny birin-birin gürrüň berýär. Bu gürrüňlere kellesi gyzan baý daýhan sypatyna girip, paltasyny horjunyna atyp, ýabysyna atlanýar-da odun ýatyrmaga gidýär. Baý paltasyny bilgeşleýin suwa gaçyryp, derýanyň ýakasyny syryp hälki suw degirmençi ýaşulynyň ýanyna gelýär. Degirmençi çarhdan altyn paltany çykaran badyna: «Ine, bu meniň paltam, ine şu...» diýip, hasyrhusur paltany garbap almakçy bolýar. Paýhasly ýaşuly bolsa:

– Ýok, gardaş, hany saklan bakaly, seniň paltaň-a ine şu bolmaly – diýip, onuň öz paltany eline tutdurýar. Eli boş halda öýüne dolanan baýyň çolpusyna ilen zat bolmaýar.

Zähmet çekmek, kanagatly bolmak we dogryňy sözlemek adamy bagta atarýan endikler bolup, açgözlük we ýalan sözlemek adamy peseldýär. Ata-babalarymyzyň aýdyşy ýaly: «Dogry ozar, egri tozar».

### Origami



### Sudoku

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | 2 | 4 | | |
| | 4 | | 3 | | 6 |
| 5 | | | 2 | 4 | |
| | 3 | | | | 5 |
| | | | | 1 | 4 |
| 4 | 5 | | | | |

### Labirint



### San diňi




### Binox

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | X | | O | |
| X | | | O | O | |
| | O | | | | |
| | | O | O | | |
| | | | | | O |
| O | | | X | X | |



# KIM, HAÇAN OÝLAP TAPDY?

**LIFT. Beýik binalaryň gurlup başlanmagy bilen oňa münüp-düşmek kynçylygy ýüze çykýar. Dürli görnüşli basgançakly ulgamlaryň işlenilip düzülmegi ýaşaýjylary kanagatlandyrsa-da, myhmanhanadyr dynç alyş merkezlerine barýan syýahatçylarda nägilelikler döredýär. Şeýlelikde, ýokary münüp-düşmegiň has aňsat ýoly gözlenip başlanýar. Şäher ilatynyň artmagy bilen köpelip başlan köp gatly binalarda münüp-düşmekde köp hereket etmek, artykmaç wagtyňy sarp etmek ýaly meseleler ýüze çykýar. Aslynda, köp gatly binalara haryt daşamak, ýüki ýokary çykarmak we aşak düşürmek üçin oýlanyp tapylan açyk çarçuwaly mehaniki ýük göteriji ulgam 1800-nji ýyllardan soň öýjagaz şekilinde işlenip düzülýär. Şeýlelikde, zynjyra berkidilen «kiçijik öýjagazy» ýokary göterýän we aşak düşürýän «lift» atly mehanizm oýlanyp tapylýar. «Lift» sözi iňlis dilinden terjime edilende «götermek, ýokary galdyrmak» diýen manyny berýär.**

1857-nji ýylda Nýu-Ýorkdaky «Haughwout» söwda merkezinde ilkinji lift ulgamy döredilýär. Bäş gatly binanyň ýerzemininde bug hereketlendirijisi ornaşdyrylan lift bir minutda bary-ýogy 40 fut (12,2 metr) aralygy geçýän eken. Deňeşdirmek üçin, häzirki wagtda iň çalt liftler bir sekuntda 40 fut geçip bilýär. Ilkinji liftiň tizligi gaty haýal bolup, söwda merkeziniň müşderileri ýokarky gatlara lift bilen däl-de, basgançaklardan çykanyny kem görmändirler.

Amerikan inženeri Elişa Otis 1853-nji ýylda «Otis Lift» kompaniýasyny esaslandyrýar. 1859-njy ýylda Otis oýlap tapan «dik demir ýoluna» patent alýar we şol ýyl Nýu-Ýorkuň myhmanhanalarynyň birinde içinde oturgyjy bolan lifti işe girizýär. Oýlap tapyjy 1861-nji ýylda liftdäki togtadyjy ulgama patent alýar. Şeýlelikde, lifti binanyň islendik gatynda saklap bolupdyr. Eýýäm 1873-nji ýyla çenli ABŞ-da edara jaýlarynda, myhmanhanadyr dükanlarda «Otis Lift» kompaniýasynyň 2 müňden gowrak lifti oturdylýar.

Ilkinji liftleriň gymmat bolany üçin Nýu-Ýorkuň, Londonyň, Parižiň belli myhmanhanalarynda we söwda merkezlerinde oturdylyp, artykmaçlyk hökmünde görlüpdir. Şol döwürlerde myhmanlar lifte münensoň operator gapyny ýapyp, ulgamy herekete getirip, olara hyzmat edýän eken. Bu myhmanlaryň howpsuzlygy üçin göz öňünde tutulan çäre bolup, oturgyçlarda oturyp gitmek mümkinçiliginiň bardygyna garamazdan, ulgamyň hereketi gaty haýal bolupdyr. 1870-nji ýylda Manhetten şäheriniň merkezinde gurlan 130 metrlik binada «Otis Lift» kompaniýasy tarapyndan işlenip düzülen ilkinji gidrawlik lift oturdylýar. Bug hereketlendirijisinden gidrawlik ulgama geçilmegi liftiň hereketini has çaltlaşdyrýar. 1885-nji ýylda ilkinji «gökdirän» hasaplanýan Çikagonyň öý ätiýaçlandyryş binasynda 10 gatda hyzmat etmek üçin liftiň polat çarçuwaly görnüşiniň dördüsi işe girizilýär.

1889-njy ýylda «Otis Lift» kompaniýasy elektrik togy bilen işleýän ilkinji liftini döredýär. Bu lift ulgamynda iň uly ösüşleriň biri bolup, gidrawlikden elektrik hereketlendirijili liftlere geçilýär. XX asyryň başlarynda ýüz görülýän aýnasy, howa çalşyjy ulgamy we düwmeli dolandyryş ulgamy bolan elektrik çekişli liftler işlenip düzülýär. Bu liftler senagat taýdan nusgalyk kabul edilip, häzirki wagtda hem önümçiligi dowam etdirilýär.

**Ýokary tizlikli liftler**

Gökdiränleriň gurulmagy bilen ýokary tizlikli liftler işlenip düzülýär. Taýwandaky «Taipei 101» gökdiränindäki liftleri (1 minutda 1010 metr), BAE-niň Dubaý şäherindäki «Burj Halifa» gökdiränindäki liftleri (1 minutda 600 metr), şeýle hem ABŞ-nyň Çikago şäherindäki «Jon Hankok» işewürlik merkezindäki liftleri (1 minutda 549 metr), Hytaýyň Şanhaý şäherindäki «Jin Mao» gökdiränindäki liftleri (1 minutda 546 metr) mysal getirmek bolar. Häzirki zaman liftleri eskalatorlardan we basgançaklardan has ygtybarly bolup, wagty tygşytlaýan we ýokary hyzmatlary hödürleýän ösen tehnologik ulgamdyr.



Sahypany taýýarlan Sumbar ALYŞIROW.

# 5 ŞÄHER – 8 STADION

## Katar 2022 Dünýä Kubogynyň stadionlary

Ýene-de sanlyja günden bat aljak Katar 2022 FIFA Dünýä Kubogy ýaryşy ýurduň 5 şäherinde (Doha, Lusail, Al Wakra, Al Hor hem-de Doha metropolitanyň çägindäki Al Raýýan) geçiriler. Duşuşyklar şol şäherlerdäki 8 stadionda oýnalar. Stadionlaryň birinden galany (ol hem çempionat üçin tutuşlygyna abatlaýyş işleri geçirildi) şu çempionat üçin ýörite gurlup, olar tehnologiýanyň soňky gazananlary bilen doly derejede üpjün edilen desgalardyr. Estetika we bezeg babatda görenleri haýran galdyrýan bu stadionlar ýurduň milli äheňini, medeniýetini, däp-dessurlaryny hem ýadyňa salýar.



Dr Cool ady bilen meşhurlyga eýe bolan Katar uniwersiteti maşyn gurluşyk inženerçiligi ugry boýunça professor Saud Abdul Ganiniň tagallalary netijesinde stadionlaryň ählisinde kuwwatly sowadyjylar oturdylandyr. Şeýlelikde, stadionlarda howanyň temperaturasyny 18-24 derejede saklamaklyk göz öňünde tutulýar. Gün energiýasynyň kömegi bilen öňden sowadylyp goýlan howa tribunalardaky oturgyçlaryň aşagyndan, ätiýaçda oturylýan ýerden, şeýle-de meýdançanyň gyralarynda döredilen özboluşly ulgam arkaly stadionyň içine goýberiler. Allergiýasy bar bolan futbolçylara-da päsgelçilik bermez ýaly edilip, arassalanan howa duşuşygyň dowamynda yzyna sorular, soňra sowadylyp, filtrden geçiriler we täzeden stadiona goýberiler. Bu tehnologiýa ulgamynyň 2026-njy ýylda geçiriljek Dünýä Kubogynda ABŞ-nyň Maýami, Los Anjeles ýaly yssy şäherlerdäki stadionlarda hem ulanylmagyna garaşylýar.

**«LUSAIL ICONIC» STADIONY:** Paýtagt Dohadan 23 kilometr uzaklykda ýerleşýän Lusail şäherindäki bu stadion 2017-2021-nji ýyllar aralygynda gurlup, ol 80 müň tomaşaça niýetlenendir. Çempionatdan soň stadionyň tomaşaçy ornunyň azaldylmagyna garaşylýar. Stadionyň gurluşygyny «Foster + Partners» hem-de «Populous» atly britan kompaniýalary bilelikde alyp bardy.





Stadionda toparçalaryň çäginde 6 duşuşyk oýnalyp, olaryň arasynda Braziliýa – Serbiýa, Argentina – Meksika, Portugaliýa – Urugwaý, Kamerun – Braziliýa duşuşyklary bar. 2-nji tapgyryň, çärýekdir ýarym finalyň bir duşuşygy, şol sanda final oýny, jemi 10 duşuşyk bu stadionda geçiriler. «Lusail» stadiony Katar 2022-niň iň köp duşuşyk geçiriljek stadionydyr.

**«AL BAYT» STADIONY:** Çempionatyň açylyş duşuşygynyň geçiriljek ýeri bolan «Al Bayt» stadiony Al Hor (Al Haur hem diýilýär) şäherinde ýerleşýär. Ýörite çempionat üçin gurlan bu desga Katar 2022-niň iň demirgazykdaky stadiony bolup, ol paýtagt Dohadan 35 kilometr uzaklykdadyr. 2014-nji ýylda gurlup başlanan stadionyň gurluşygy 2021-nji ýylda tamamlandy. Stadion 60 müň orunlyk bolup,





onuň daşky görnüşi arap medeniýetiniň esasy nyşanlarynyň biri bolan çadyry ýadyňa salýar. Ýerli ýaşaýjylaryň çölde ulanýan «Baýt al şa'ar» atly çadyrlaryndan ugur alnyp gurlan stadionyň gurluşygyny Italiýanyň «Webuild S.p.A» kompaniýasy alyp bardy. Bu stadionda çempionatyň açylyş duşuşygy bilen bir hatarda, toparçalaryň 6 duşuşygy geçiriler. Olaryň arasynda Angliýa – ABŞ, Ispaniýa – Germaniýa, Niderlandlar – Katar duşuşyklary hem bar. 1/8 finalyň, çärýekdir ýarym finalyň 1 duşuşygy bu stadionda oýnalar (jemi 9 duşuşyk). Stadionda kiçeňräk muzeý, 5 ýyldyzly myhmanhana hem ýerleşýär. Stadiona metro bilen baryp bolýar.

**«KHALIFA INTERNATIONAL» STADIONY:** «Halkara Halyfa» stadiony hem diýilýän bu stadion 1976-njy ýylda gurulýar. Al Raýýan ýa-da Er-Raýýan şäherindäki bu stadion köp maksatly desga bolup, Kataryň sport taryhyndaky iň esasy stadionlaryň biridir. Bu stadionda 2011-nji ýylda Aziýa Kubogynyň finaly, şeýle-de, 2019-njy ýylda ýeňil atletika boýunça Dünýä çempionaty





geçirildi. 2005-nji ýylda hem-de 2014-2017-nji ýyllar aralygynda durky täzelenen stadion 45 müň 416 tomaşaça niýetlenendir. Kataryň milli ýygyndysynyň duşuşyklarynyň geçirilýän bu stadiony 300 metr beýiklikdäki Aspire diňiniň ýanynda ýerleşýär. Toparçalardaky 6 duşuşyk (olaryň käbirleri: Angliýa – Eýran, Germaniýa – Ýaponiýa, Ýaponiýa – Ispaniýa), şol sanda 1/8 finalyň 1 duşuşygy hem-de 3-nji ýer ugrundaky duşuşyk bu ýerde oýnalar. Stadionyň ýene bir iň uly aýratynlygy-da «3-2-1» atly sport muzeýi bolup, onda meşhur ýyldyzlaryň gol çeken ýadygärlik sowgatlyklary görkezilýär.

**«EDUCATION CITY» STADIONY:** Paýtagt Dohanyň golaýynda ýerleşýän Al Raýýan şäherindäki 3 stadionyň biri bolan desga 2016–2020-nji ýyllar aralygynda gurulýar. Kipr döwletiniň «Joannou and Paraskevaides» atly kompaniýasy tarapyndan gurlan stadiona 45 müň 350 janköýer sygýar. Stadionyň inženerçilik bezegi «Buro Happold» atly britan kompaniýasyna degişlidir. Stadion «Qatar Foundation» guramaçylygynyň uniwersitetler toplumynyň çäginde ýerleşip, onuň töweregi





ýaşyl zolaklar, şol sanda ýokary tehnologiki desgalar bilen gurşalandyr. Stadionyň daşky gurluşy özboluşly bolup, göwher şekilli geometrik bezegleri emele getirýän üçburçluklar esasynda Günüň hereketine görä stadionyň daşky görnüşiniň reňki üýtgeýär. Çempionatdan soň 25 müň orunlyk stadiona öwrüljek desga uniwersitetlerdäki sport ýaryşlarynyň geçirilýän ýeri hökmünde ulanylar. Stadionda 6-sy toparçalara degişli, şeýle-de, 1/8 finalyň hem-de çärýek finalyň 1 duşuşygy, jemi 8 duşuşyk oýnalar.

**«AHMED BIN ALI» STADIONY:** Al Raýýan şäherindäki 3-nji stadion «Ahmed Bin Ali» stadiony bolup, oňa «Al Raýýan» stadiony hem diýilýär. 1960–1972-nji ýyllar aralygynda Kataryň emiri bolan Ahmad bin Ali Al Taniniň adyny göterýän desga 44 müň 740 orunlyk bolup, bu stadion çempionat üçin täzeden gurulýar. Aslynda 2003-nji ýylda gurlan 21 müň 282





orunlyk ozalky stadion düýpli täzelenýär. Stadionyň gurluşygyny «Al-Balagh» bilen «Larsen and Toubro» kompaniýalary alyp barýar. «Al-Raýýan» hem-de «Al-Haritiýat» klublarynyň öz duşuşyklaryny geçirýän stadionynyň çempionatdan soň tomaşaçy sany azaldylar (21 müň orna düşüriler). «Education City» stadionyndan 1 metro duralgasy uzaklykda ýerleşýän stadionyň daşky görnüşi çöl depelerini, şol sanda ýurduň dürli aýratynlyklaryny şekillendirýän geometrik bezegler bilen bezelendir. Ýerli medeniýetden we däp-dessurlardan ugur alnyp gurlan bu stadionda toparçalaryň 6 duşuşygy hem-de 1/8 finalyň 1 duşuşygy geçiriler.

**«STADIUM 974» STADIONY:** Paýtagt Dohanyň Ras Abu Abud diýen sebitinde ýerleşýän bu stadion öz täsinligi bilen hemmäni geň galdyrýar. Konsepsiýasy «Fenwick Iribarren Architects» kompaniýasy tarapyndan işlenip düzülen bu stadion gämi konteýnerlerinden gurlup, ol 40 müň tomaşaça niýetlenendir. Laýyk 974 (Kataryň halkara telefon belgisi) konteýnerden gurlan bu stadion deňiz kenarynda ýerleşýär. Gurluşygy 2018–2021-nji ýyllarda alnyp barlan desganyň iň esasy aýratynlygy-da ony aňsatlyk bilen söküp bolýar. Başgaça aýdylanda, bu stadion Dünýä Kubogynyň tary-





hyndaky ilkinji sökülip bilinýän stadiondyr. Çempionatdan soň söküljek stadionyň 2030-njy ýyldaky çempionaty guramaga hukuk gazanan ýagdaýynda Urugwaýyň Maldonado şäherinde täzeden düzülmegine garaşylýar. Bu stadionda toparçalaryň 6 duşuşygy bilen bir hatarda, 1/8 finalyň hem 1 duşuşygy geçiriler.

**«AL THUMAMA» STADIONY:** Dohadaky ýene bir stadion hem «Al Thumama» stadiony bolup, ol Hamad Halkara howa menziline golaý ýerde ýerleşýär. 2017–2021-nji ýyllar aralygynda gurlan stadion 40 müň tomaşaça niýetlenendir. Erkekleriň geýýän tahýasyndan ugur alnyp gurlan stadionda geçen ýyl FIFA Arap kubogynyň duşuşyklary geçirildi. «Al Jaber Engineering





of Qatar» hem-de «Tekfen Construction» (Türkiýe) kompaniýalarynyň bilelikde guran desgasynda toparçalardaky 6 duşuşyk, olaryň arasynda Katar – Senegal, Belgiýa – Marokko, Eýran – ABŞ duşuşyklary oýnalar. Şeýle-de, 1/8 finalyň hem-de çärýek finalyň 1 duşuşygynyň salgysy hem bu stadiona degişlidir.

**«AL JANOUB» STADIONY:** Kataryň gündogarynda ýerleşýän Al Wakrah şäherindäki bu stadion «Al Janoub» diýlip atlandyrylýar. Paýtagt Dohadan 20 kilometre golaý daşlykda bolan bu stadion 2014-2019-njy ýyllar aralygynda gurulýar. Stadionyň arhitektorçylyk işi, meşhur zenan arhitektor, 2016-njy ýylda aradan çykan yrakly Zaha Hadide degişli bolup, desganyň gurluşygyny ýerli gurluşyk kärhanalary alyp barýar. 40 müň orunlyk





stadion çempionatdan soň şäheriň kluby «Al Wakra» toparyna berler we tomaşaçy sany 20 müňe düşüriler. Stadionyň daşky görnüşi şäheriň ýaşaýjylarynyň ir döwürler gümra bolan işlerini – balykçylygy hem-de suw astyndaky dür gözlegini ýatladýar. Futuristik äheňi bolan stadion London 2012 tomusky Olimpiýa oýunlarynda suw sportlary boýunça ýaryşlaryň geçirilen «Aquatics Center» desgasyna meňzedilip gurulýar. Toparçalardaky 6 duşuşykdan başga-da, 1/8 finalyň 1 oýny bu desgada oýnalar.

---



**DIKLIGINE:** **1.** Hasapsyz, hasap-hesipsiz. **2.** Diliň düzümine girýän sözleriň jemi. **3.** Bugdaý, arpa we ş.m. ekinlerden alynýan hasyl. **4.** Dymyk, howasyz. **5.** Don, içmek we ş.m. geýimleriň daş ýa-da iç ýakasyna, gyrasyna, etegine owadanlyk üçin tutulýan insizje mata. **6.** Sag-... **8.** Atanak güllüler maşgalasyna degişli inçeden uzyn ýaprakly ýaz oty. **9.** «... – öňde, rehneti – soňda» (nakyl). **13.** Gymmatbaha daş. **14.** Gurluşykda ulanylýan toprak. **17.** Türkmen halk dessanlarynyň biri. **18.** Ünssüz. **20.** Demirgazyk Amerikada bir derýa. **21.** «Aglanyň ... eňrän çykar» (nakyl). **22.** Dogan-garyndaş. **23.** Gyşdan soňky pasyl. **24.** Dokma guraly. **26.** Nowhana gazylanda laý zyňmak üçin ýabyň raýyşynyň iç ýüzünden edilýän kert. **27.** Bir zada bolan ynamly garaýyş. **33.** Miwe. **34.** Çörek önümi. **35.** Rugsat, razylyk. **36.** Tozan gatyşykly güýçli ýel. **38.** Gadymy hindi eposy. **39.** Halk döredijiliginiň bir görnüşi. **41.** Köp geplemeýän. **42.** Tropik miwe. **44.** Aw guraly. **45.** Saz guraly.

**KESELIGINE:** **7.** Çeper geplemegi başarýan, gepe çeper. **10.** Üflenip çalynýan saz guralynyň bir görnüşi (köne söz). **11.** Hiç zat iýip-içmän, aç garna. **12.** Italiýanyň Sisiliýa sebitinde port şäher. **14.** Töwerek-daşyna halkalaýyn aýlanmak, gabawa düşürmek. **15.** Pişikler maşgalasyna degişli ýyrtyjy jandar. **16.** Çaý gaýnatmak üçin ýuka demirden ýasalan tüňçäniň, tüňňüriň bir görnüşi. **18.** Milli saz guraly. **19.** Al-..., arş. **22.** Kösügi käşire meňzeş, ownuk ýaprakly derman ösümlik. **25.** Ýokarsy çürelip duran, sommak. **28.** Örän oňat, diýseň gowy. **29.** Oglan ady. **30.** Geýim-gejim, egin-eşik. **31.** Inçesagt, sagdyn bedenli. **32.** «Giden getirer, ... nyrh sorar» (nakyl). **33.** Londonyň futbol topary. **36.** Biri bilen ugurdaş ýolagçy, ýoldaş. **37.** Goşgy, poema ýaly şahyrana eserleri döredýän adam. **40.** Gün ýaşyp, garaňky gatlyşan wagty. **43.** Ýurdumyzda çap edilýän gazetleriň biri. **44.** Nagşyň bir görnüşi. **46.** Edilýän hezzet-hormat, meýlis. **47.** Rehim, hemaýat. **48.** Örän uly suwly giňişlik. **49.** Şowhun-.... **50.** Örän ýuka ýüpek gyňajyň bir görnüşi, pişigöýme.

## 49-njy KROSSWORD

**Hangeldi BAÝRAMMYRADOW,** *Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.*

## 50-nji KROSSWORD



**DIKLIGINE:** **1.** Baglaýjy kömekçi. **2.** Dünýädäki iň uzyn derýa. **3.** Gyz ady. **4.** Ýüpek gurçugynyň ýapragyny iýen tut çybyklary. **5.** Nota. **6.** Käbir Gündogar ýurtlarda döwletiň hökümdary. **7.** Bangladeşiň pul birligi. **8.** Süýji we zeý suwlaryny akdyrmak üçin gazylýan uly emeli desga. **10.** Parasatly, akyldar. **11.** Indoneziýanyň paýtagty. **15.** Haýsydyr bir zady özgertmeklik, üýtgedip gurmaklyk. **17.** Deňizde gämini bir ýerde saklamak üçin suwuň düýbüne taşlanýan zynjyrly, gaňyrçakly agyr demir. **19.** Ergin şekerden gaýnadylyp taýýarlanýan süýji. **20.** Suwag üçin ýörite edilen palçyk. **21.** Gizlin gürrüň, syr. **24.** Çekinjeňlik, ýygralyk duýgusy. **26.** Beden agzasy. **27.** Iki tarapy ylalaşdyryjy, töwellaçy. **29.** Çydamsyz, berk däl. **30.** Oglan ady. **35.** Ýüňden, pamykdan ýüplük egirmek üçin gural. **36.** Çekilen zähmetiň netijesi. **38.** Albaniýanyň pul birligi. **40.** Dabaraly äheňde ýazylan şygyr, waspnama.

**KESELIGINE:** **1.** Günorta Aziýada bir döwlet. **3.** Üsti-üstüne toplanan, üýşen. **6.** Adamyň göwnüniň göterilen ýagdaýy, şadyýanlyk duýgusy. **9.** Edeplilik, sypaýylyk. **11.** «Ýagşy adam aý bolar, nirä barsa ... bolar» (nakyl). **12.** Natriý himiki elementiniň gysga belgisi. **13.** Reňk. **14.** Açyk gyzyl gülli, ownuk ýaprakly agaç. **16.** Gyzlaryň üýşüp ýa-da ýekelikde sazsyz aýdýan aýdymy. **18.** Hepdäniň bir güni. **20.** San goşulmasy. **22.** Gündelik, döwürleýin metbugat neşirlerine ýazylyşyk. **23.** Ýaba, eşege goşulýan iki ýa-da dört tigirli ulag serişdesi. **25.** Pasyl. **28.** Bakja ekini. **30.** Ýakymly ysy bolan jisimler goşulan ergin. **31.** Gereginden köp, artyk. **32.** Görkezme çalyşmasy. **33.** Keseli bejermek, ...-etmek. **34.** Daş-töweregi suw bilen gurşalan gury ýer bölegi. **35.** San. **37.** Tüwiniň içinde arassalanman galan däneler. **39.** Köpýyllyk ýabany ösümlik, tilkisumaý. **41.** Kenaryň boýy, kenara iň ýakyn ýerleşýän ýerler.

**Maral ORAZBAÝEWA,** *Türkmen oba hojalyk institutynyň mugallymy, oba hojalyk ylymlarynyň kandidaty.*

48-nji krosswordyň jogaby:



17-nji skanwordyň jogaby:



# KATAR 2022 DÜNÝÄ KUBOGYNYŇ DUŞUŞYKLARYNYŇ GEÇIRILIŞ TERTIBI

| GÜNI | | WAGTY | TOPARÇA | 1-nji TOPAR | HASAP | | 2-nji TOPAR | STADIONY (ŞÄHERI) |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 20-nji noýabr | Ýekşenbe | 21:00 | A | KATAR | | | EKWADOR | «Al Bayt» (Al Kor) |
| 21-nji noýabr | Duşenbe | 18:00 | B | ANGLIÝA | | | EÝRAN | «Khalifa International» (Al Raýýan) |
| 21-nji noýabr | Duşenbe | 21:00 | A | SENEGAL | | | NIDERLANDLAR | «Al Thumama» (Doha) |
| 21-nji noýabr | Duşenbe | 00:00 | B | ABŞ | | | UELS | «Ahmad bin Ali» (Al Raýýan) |
| 22-nji noýabr | Sişenbe | 15:00 | C | ARGENTINA | | | SAUD ARABYSTANY | «Lusail Iconic» (Lusail) |
| 22-nji noýabr | Sişenbe | 18:00 | D | DANIÝA | | | TUNIS | «Education City» (Al Raýýan) |
| 22-nji noýabr | Sişenbe | 21:00 | C | MEKSIKA | | | POLŞA | «Stadium 974» (Doha) |
| 22-nji noýabr | Sişenbe | 00:00 | D | FRANSIÝA | | | AWSTRALIÝA | «Al Janoub» (Al Wakra) |
| 23-nji noýabr | Çarşenbe | 15:00 | F | MAROKKO | | | HORWATIÝA | «Al Bayt» (Al Kor) |
| 23-nji noýabr | Çarşenbe | 18:00 | E | GERMANIÝA | | | ÝAPONIÝA | «Khalifa International» (Al Raýýan) |
| 23-nji noýabr | Çarşenbe | 21:00 | E | ISPANIÝA | | | KOSTA RIKA | «Al Thumama» (Doha) |
| 23-nji noýabr | Çarşenbe | 00:00 | F | BELGIÝA | | | KANADA | «Ahmad bin Ali» (Al Raýýan) |
| 24-nji noýabr | Penşenbe | 15:00 | G | ŞWEÝSARIÝA | | | KAMERUN | «Al Janoub» (Al Wakra) |
| 24-nji noýabr | Penşenbe | 18:00 | H | URUGWAÝ | | | GÜNORTA KOREÝA | «Education City» (Al Raýýan) |
| 24-nji noýabr | Penşenbe | 21:00 | H | PORTUGALIÝA | | | GANA | «Stadium 974» (Doha) |
| 24-nji noýabr | Penşenbe | 00:00 | G | BRAZILIÝA | | | SERBIÝA | «Lusail Iconic» (Lusail) |
| 25-nji noýabr | Anna | 15:00 | B | UELS | | | EÝRAN | «Ahmad bin Ali» (Al Raýýan) |
| 25-nji noýabr | Anna | 18:00 | A | KATAR | | | SENEGAL | «Al Thumama» (Doha) |
| 25-nji noýabr | Anna | 21:00 | A | NIDERLANDLAR | | | EKWADOR | «Khalifa International» (Al Raýýan) |
| 25-nji noýabr | Anna | 00:00 | B | ANGLIÝA | | | ABŞ | «Al Bayt» (Al Kor) |
| 26-njy noýabr | Şenbe | 15:00 | D | TUNIS | | | AWSTRALIÝA | «Al Janoub» (Al Wakra) |
| 26-njy noýabr | Şenbe | 18:00 | C | POLŞA | | | SAUD ARABYSTANY | «Education City» (Al Raýýan) |
| 26-njy noýabr | Şenbe | 21:00 | D | FRANSIÝA | | | DANIÝA | «Stadium 974» (Doha) |
| 26-njy noýabr | Şenbe | 00:00 | C | ARGENTINA | | | MEKSIKA | «Lusail Iconic» (Lusail) |
| 27-nji noýabr | Ýekşenbe | 15:00 | E | ÝAPONIÝA | | | KOSTA RIKA | «Ahmad bin Ali» (Al Raýýan) |
| 27-nji noýabr | Ýekşenbe | 18:00 | F | BELGIÝA | | | MAROKKO | «Al Thumama» (Doha) |
| 27-nji noýabr | Ýekşenbe | 21:00 | F | HORWATIÝA | | | KANADA | «Khalifa International» (Al Raýýan) |
| 27-nji noýabr | Ýekşenbe | 00:00 | E | ISPANIÝA | | | GERMANIÝA | «Al Bayt» (Al Kor) |
| 28-nji noýabr | Duşenbe | 15:00 | G | KAMERUN | | | SERBIÝA | «Al Janoub» (Al Wakra) |
| 28-nji noýabr | Duşenbe | 18:00 | H | GÜNORTA KOREÝA | | | GANA | «Education City» (Al Raýýan) |
| 28-nji noýabr | Duşenbe | 21:00 | G | BRAZILIÝA | | | ŞWEÝSARIÝA | «Stadium 974» (Doha) |
| 28-nji noýabr | Duşenbe | 00:00 | H | PORTUGALIÝA | | | URUGWAÝ | «Lusail Iconic» (Lusail) |
| 29-njy noýabr | Sişenbe | 20:00 | A | EKWADOR | | | SENEGAL | «Khalifa International» (Al Raýýan) |
| 29-njy noýabr | Sişenbe | 20:00 | A | NIDERLANDLAR | | | KATAR | «Al Bayt» (Al Kor) |
| 29-njy noýabr | Sişenbe | 00:00 | B | UELS | | | ANGLIÝA | «Ahmad bin Ali» (Al Raýýan) |
| 29-njy noýabr | Sişenbe | 00:00 | B | EÝRAN | | | ABŞ | «Al Thumama» (Doha) |
| 30-njy noýabr | Çarşenbe | 20:00 | D | AWSTRALIÝA | | | DANIÝA | «Al Janoub» (Al Wakra) |
| 30-njy noýabr | Çarşenbe | 20:00 | D | TUNIS | | | FRANSIÝA | «Education City» (Al Raýýan) |
| 30-njy noýabr | Çarşenbe | 00:00 | C | POLŞA | | | ARGENTINA | «Stadium 974» (Doha) |
| 30-njy noýabr | Çarşenbe | 00:00 | C | SAUD ARABYSTANY | | | MEKSIKA | «Lusail Iconic» (Lusail) |
| 1-nji dekabr | Penşenbe | 20:00 | F | HORWATIÝA | | | BELGIÝA | «Ahmad bin Ali» (Al Raýýan) |
| 1-nji dekabr | Penşenbe | 20:00 | F | KANADA | | | MAROKKO | «Al Thumama» (Doha) |
| 1-nji dekabr | Penşenbe | 00:00 | E | ÝAPONIÝA | | | ISPANIÝA | «Khalifa International» (Al Raýýan) |
| 1-nji dekabr | Penşenbe | 00:00 | E | KOSTA RIKA | | | GERMANIÝA | «Al Bayt» (Al Kor) |
| 2-nji dekabr | Anna | 20:00 | H | GANA | | | URUGWAÝ | «Al Janoub» (Al Wakra) |
| 2-nji dekabr | Anna | 20:00 | H | GÜNORTA KOREÝA | | | PORTUGALIÝA | «Education City» (Al Raýýan) |
| 2-nji dekabr | Anna | 00:00 | G | SERBIÝA | | | ŞWEÝSARIÝA | «Stadium 974» (Doha) |
| 2-nji dekabr | Anna | 00:00 | G | KAMERUN | | | BRAZILIÝA | «Lusail Iconic» (Lusail) |

| «A» TOPARÇA | «B» TOPARÇA | «C» TOPARÇA | «D» TOPARÇA |
|---|---|---|---|
| KATAR | ANGLIÝA | ARGENTINA | FRANSIÝA |
| EKWADOR | EÝRAN | SAUD ARABYSTANY | AWSTRALIÝA |
| SENEGAL | ABŞ | MEKSIKA | DANIÝA |
| NIDERLANDLAR | UELS | POLŞA | TUNIS |

| «E» TOPARÇA | «F» TOPARÇA | «G» TOPARÇA | «H» TOPARÇA |
|---|---|---|---|
| ISPANIÝA | BELGIÝA | BRAZILIÝA | PORTUGALIÝA |
| KOSTA RIKA | KANADA | SERBIÝA | GANA |
| GERMANIÝA | MAROKKO | ŞWEÝSARIÝA | URUGWAÝ |
| ÝAPONIÝA | HORWATIÝA | KAMERUN | GÜNORTA KOREÝA |




# Toparlaryň mundan ozalky özara duşuşyklary

| 1-nji topar | 2-nji topar | Oýun | Ýeňiş | Deňlik | Utulyş | Gollar |
|---|---|---|---|---|---|---|
| KATAR | EKWADOR | 3 | 1 | 1 | 1 | 6-6 |
| SENEGAL | NIDERLANDLAR | 0 | 0 | 0 | 0 | 0 |
| KATAR | SENEGAL | 0 | 0 | 0 | 0 | 0 |
| NIDERLANDLAR | EKWADOR | 2 | 1 | 0 | 0 | 2-1 |
| EKWADOR | SENEGAL | 1 | 0 | 0 | 1 | 0-1 |
| KATAR | NIDERLANDLAR | 0 | 0 | 0 | 0 | 0 |

| 1-nji topar | 2-nji topar | Oýun | Ýeňiş | Deňlik | Utulyş | Gollar | Dünýä Kubogyndaky duşuşyklary | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| ANGLIÝA | EÝRAN | 0 | 0 | 0 | 0 | 0 | 0 | | |
| ABŞ | UELS | 2 | 1 | 1 | 0 | 2-0 | 0 | | |
| ANGLIÝA | ABŞ | 11 | 8 | 1 | 2 | 39-30 | 2 | 1-0 (1950) | 1-1 (2010) |
| EÝRAN | UELS | 1 | 0 | 0 | 1 | 0-1 | 0 | | |
| UELS | ANGLIÝA | 102 | 14 | 21 | 67 | | 0 | | |
| EÝRAN | ABŞ | 2 | 0 | 1 | 1 | 3-2 | 1 | 2-1 (1998) | |

| 1-nji topar | 2-nji topar | Oýun | Ýeňiş | Deňlik | Utulyş | Gollar | Dünýä Kubogyndaky duşuşyklary | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| ARGENTINA | S. ARABYSTANY | 4 | 2 | 2 | 0 | 7-3 | 0 | | | |
| MEKSIKA | POLŞA | 8 | 3 | 2 | 3 | 13-9 | 1 | 1-3 (1978) | | |
| POLŞA | S. ARABYSTANY | 3 | 3 | 0 | 0 | 5-2 | 0 | | | |
| ARGENTINA | MEKSIKA | 31 | 15 | 12 | 4 | 51-28 | 3 | 6-3 (1930) | 2-1 (2006) | 3-1 (2010) |
| POLŞA | ARGENTINA | 11 | 3 | 2 | 6 | 12-18 | 2 | 3-2 (1974) | 0-2 (1978) | |
| S. ARABYSTANY | MEKSIKA | 5 | 0 | 1 | 4 | 2-14 | 0 | | | |

| 1-nji topar | 2-nji topar | Oýun | Ýeňiş | Deňlik | Utulyş | Gollar | Dünýä Kubogyndaky duşuşyklary | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| DANIÝA | TUNIS | 2 | 2 | 0 | 0 | 5-2 | 0 | | | |
| FRANSIÝA | AWSTRALIÝA | 5 | 3 | 1 | 1 | 10-3 | 1 | 2-1 (2018) | | |
| TUNIS | AWSTRALIÝA | 2 | 1 | 0 | 1 | 2-3 | 0 | | | |
| FRANSIÝA | DANIÝA | 18 | 8 | 2 | 8 | 41-21 | 3 | 2-1 (1998) | 0-2 (2002) | 0-0 (2018) |
| AWSTRALIÝA | DANIÝA | 4 | 1 | 1 | 2 | 3-6 | 1 | 1-1 (2018) | | |
| TUNIS | FRANSIÝA | 4 | 0 | 2 | 2 | 3-7 | 0 | | | |

| 1-nji topar | 2-nji topar | Oýun | Ýeňiş | Deňlik | Utulyş | Gollar | Dünýä Kubogyndaky duşuşyklary | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| GERMANIÝA | ÝAPONIÝA | 2 | 0 | 1 | 1 | 2-5 | 0 | | | | |
| ISPANIÝA | KOSTA RIKA | 3 | 2 | 1 | 0 | 9-3 | 0 | | | | |
| ÝAPONIÝA | KOSTA RIKA | 4 | 3 | 1 | 0 | 10-2 | 0 | | | | |
| ISPANIÝA | GERMANIÝA | 25 | 8 | 8 | 9 | 31-30 | 4 | 1-2 (1966) | 1-2 (1982) | 1-1 (1994) | 1-0 (2010) |
| ÝAPONIÝA | ISPANIÝA | 1 | 0 | 0 | 1 | 0-1 | 0 | | | | |
| KOSTA RIKA | GERMANIÝA | 1 | 0 | 0 | 1 | 2-4 | 1 | 2-4 (2006) | | | |

| 1-nji topar | 2-nji topar | Oýun | Ýeňiş | Deňlik | Utulyş | Gollar | DK-däki duşuşyklary | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| MAROKKO | HORWATIÝA | 1 | 0 | 1 | 0 | 2-2 | 0 | |
| BELGIÝA | KANADA | 1 | 1 | 0 | 0 | 1-0 | 0 | |
| BELGIÝA | MAROKKO | 3 | 2 | 0 | 1 | 6-4 | 1 | 0-1 (1994) |
| HORWATIÝA | KANADA | 0 | 0 | 0 | 0 | 0 | 0 | |
| HORWATIÝA | BELGIÝA | 9 | 3 | 2 | 4 | 9-6 | 0 | |
| KANADA | MAROKKO | 0 | 0 | 0 | 0 | 0 | 0 | |

| 1-nji topar | 2-nji topar | Oýun | Ýeňiş | Deňlik | Utulyş | Gollar | Dünýä Kubogyndaky duşuşyklary | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| ŞWEÝSARIÝA | KAMERUN | 0 | 0 | 0 | 0 | 0 | 0 | | | | | |
| BRAZILIÝA | SERBIÝA | 20 | 11 | 7 | 2 | 39-23 | 5 | 1-2 (1930) | 2-0 (1950) | 1-1 (1954) | 0-0 (1974) | 2-0 (2018) |
| KAMERUN | SERBIÝA | 1 | 0 | 0 | 1 | 3-4 | 0 | | | | | |
| BRAZILIÝA | ŞWEÝSARIÝA | 9 | 3 | 4 | 2 | 11-9 | 2 | 2-2 (1950) | 1-1 (2018) | | | |
| SERBIÝA | ŞWEÝSARIÝA | 14 | 6 | 5 | 3 | 30-12 | 2 | 3-0 (1950) | 2-1 (2018) | | | |
| KAMERUN | BRAZILIÝA | 6 | 1 | 0 | 5 | 12-2 | 2 | 0-3 (1994) | 1-4 (2014) | | | |

| 1-nji topar | 2-nji topar | Oýun | Ýeňiş | Deňlik | Utulyş | Gollar | Dünýä Kubogyndaky duşuşyklary | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| URUGWAÝ | G. KOREÝA | 8 | 6 | 1 | 1 | 13-6 | 2 | 1-0 (1990) | 2-1 (2010) |
| PORTUGALIÝA | GANA | 1 | 1 | 0 | 0 | 2-1 | 1 | 2-1 (2014) | |
| G. KOREÝA | GANA | 6 | 3 | 0 | 3 | 8-11 | 0 | | |
| PORTUGALIÝA | URUGWAÝ | 3 | 1 | 1 | 1 | 5-3 | 1 | 1-2 (2018) | |
| GANA | URUGWAÝ | 1 | 0 | 1 | 0 | 1-1 | 1 | 1-1 (2010) | |
| G. KOREÝA | PORTUGALIÝA | 1 | 1 | 0 | 0 | 1-0 | 1 | 1-0 (2002) | |

**Ýene-de 9 günden başlanjak 22-nji Dünýä Kubogyna gatnaşýan ýygyndylar 8 toparçada çykyş ederler. Olaryň köpüsi mundan öň özara duşuşyk geçiren bolsa, käbirleri ilkinji gezek Katarda güýç synanyşarlar. Toparlaryň arasynda mundan öňki Dünýä Kubogy ýaryşlarynda özara birnäçe gezek duşuşanlarynyň sany hem az däl.**

**«A» toparçadaky** Senegaldyr Niderlandlar mundan öň Katar bilen 1 gezek hem duşuşyk geçirmändirler.

**«B» toparçada** Uels bilen Angliýanyň ýygyndylary 103-nji gezek duşuşarlar. Mundan öňki oýunlarda iňlisler 67 gezek ýeňiş gazandylar. ABŞ-nyň ýygyndysy Angliýa bilenem, Eýran bilenem mundan öňki çempionatlarda duşuşypdylar. Eýrandan 2–1 asgyn gelen amerikanlar iňlisleri 1950-nji ýylda ýeňipdiler, 2010-njy ýylda bolsa deňme-deň oýnapdylar. Çempionatyň 2-nji güni oýnaljak Angliýa–Eýran duşuşygy ilkinji gezek hasaba alnar.

**«C» toparçada** Argentina bilen Meksikanyň ýygyndysy 3-si Dünýä Kubogynda (3-sinde hem argentinler ýeňýär) jemi 31 gezek duşuşypdyrlar. Şolarda argentinleriň üstünligi mese-mälim duýulýar. Araplar bilen ilkinji gezek duşuşjak Argentina Polşany 11 oýunda 6 sapar ýeňmegi başardy. Iki topar hem Dünýä Kubogynda biri-birini 1 gezek ýeňmegiň hötdesinden gelipdi.

**«D» toparçada** 3 ýygyndy 2018-nji ýylda hem bir toparça düşüpdi. Fransiýadyr Daniýanyň hem-de Awstraliýanyň ýygyndylary bassyr 2-nji gezek bir toparça düşüp, olara bu gezek Tunis ýoldaşlyk eder (2018-nji ýylda Peru bardy). Fransiýa bilen Daniýa mundan öňki özara 18 duşuşykda hersi 8 gezek biri-birinden üstün çykdy. Şeýle-de, Dohadaky duşuşyk olaryň Dünýä Kubogyndaky özara 4-nji duşuşygy bolar. Öňki 3 duşuşykda hersi 1 gezek ýeňip, 1 duşuşyk hem golsuz tamamlandy. Tunisiň ýygyndysy 3 garşydaşy bilen Dünýä Kubogynda ilkinji gezek duşuşar.

**«E» toparçadaky** 2 güýçli ýygyndy – Ispaniýa bilen Germaniýa mundan öň 25 gezek duşuşypdyr we şolarda nemesler 1 ädim öňde. Iki topar



Dünýä Kubogynda 5-nji gezek duşuşar. Mundan öňki 4 duşuşygyň 2-sinde ýeňiş gazanan nemesler 2010-njy ýyldaky finalda 1–0 asgyn gelipdiler.

**«F» toparçada** 36 ýyldan soň 2-nji gezek Dünýä Kubogyna gatnaşýan Kanadanyň ýygyndysy Horwatiýadyr Belgiýa bilen ilkinji gezek duşuşar. Toparçadaky ýygyndylaryň arasynda mundan öň diňe Belgiýa bilen Marokko Dünýä Kubogynda özara duşuşyp, onda-da ýewropalylar 1–0 ýeňiş gazanypdylar.

**«G» toparçadaky** ýygyndylaryň 3-si hem edil «D» toparçadaky toparlar ýaly bassyr 2-nji sapar bir toparça düşdi. Braziliýanyň, Serbiýanyň hem-de Şweýsariýanyň ýygyndylary Russiýada Kosta Rika bilen bäsdeş bolupdy. Bu gezek olaryň bäsdeşi Kamerun bolar. Braziliýa Serbiýa bilen 20 duşuşyk geçirip, şolaryň 5-si Dünýä Kubogynyň çägindedir. Braziller Şweýsariýa bilen Dünýä Kubogynda mundan öň 2 gezek duşuşyp, ikisinde-de deňme-deň oýnadylar.

**«H» toparçadaky** ýygyndylaryň tas hemmesi diýen ýaly, mundan öň Dünýä Kubogynda özara duşuşyk geçiripdir. Urugwaý koreýleri 2 gezek ýeňmegi başardy. Portugaliýa Ganany 2–1 ýeňse, Urugwaý şol hasap bilen 2018-nji ýylda Portugaliýany ýeňipdi. Koreýler hem öz meýdançasynda portugallardan 1–0 üstün çykypdy. Gana bilen Urugwaýyň arasyndaky duşuşykda latyn amerikalylar penaltileriň netijesinde üstün çykyp, ýarym finalçy bolupdy. Dartgynly geçen oýunda Suares derwezä girip barýan topy eli bilen çykarypdy.

## XXII Dünýä Kubogyna 9 gün galdy

## Katar 2022-niň eminleri



Katarda geçiriljek 22-nji Dünýä Kubogyna 36 baş emin çagyryldy. Baş eminleriň arasynda Argentinadyr Braziliýadan, Fransiýadan hem-de Angliýadan 2 emin bolup, ilkinji gezek erkekleriň arasyndaky Dünýä Kubogynda zenan eminler hem jürlewük çalar. Olar fransiýaly Stefanie Frappar, ruandaly Salima Mukansanga hem-de ýaponiýaly Ýoşimi Ýamaşita dagydyr. Şeýle-de, gapdal eminleriň 69-sy hem-de VAR-da oturjak 24 emin hem Katardaky guramaçylyga gatnaşar.

Gambiýaly Bakari Gassama 3-nji gezek Dünýä Kubogynda çykyş eder. Gapdal eminlerden argentinaly Huan Pablo Belatti hem 3-nji gezek Dünýä Kubogyna gatnaşar.

BAE-li Mohammed Abdulla Hassan Mohamed, meksikaly Sezar Arturo Ramos, zambiýaly Janni Sikazwe, Täze zelandiýaly Mettýuw Konger, polşaly Simon Marçiniak, ispaniýaly Antonio Mateu Laos, fransiýaly Klemen Turpen dagy Russiýa 2018-den soň Katar 2022-de hem jürlewük çalarlar.

## Katar 2022-de jürlewük çaljak baş eminler:

Abdulrahman Al-Jassim (Katar), Kris Bet (Awstraliýa), Alireza Fagani (Eýran), Ma Nin (Hytaý), Mohammed Abdulla Hassan Mohamed (BAE), Ýoşimi Ýamaşita (Ýaponiýa), Bakari Gassama (Gambiýa), Mustafa Gorbal (Alžir), Wiktor Gomes (Günorta Afrika), Salima Mukansanga (Ruanda), Maguette Ndiaýe (Senegal), Janni Sikazwe (Zambiýa), Iwan Barton (Salwador), Ismail Elfat (ABŞ), Mario Eskobar (Gwatemala), Said Martines (Gonduras), Sezar Arturo Ramos (Meksika), Rafael Klaus (Braziliýa), Andres Matonte (Urugwaý), Kewin Ortega (Peru), Fernando Rapallini (Argentina), Wilton Sampaio (Braziliýa), Fakundo Teýýo (Argentina), Hesus Walenzuela (Wenesuela), Mettýuw Konger (Täze Zelandiýa), Stefanie Frappar (Fransiýa), Iştwan Kowaç (Rumyniýa), Danni Makkelie (Niderlandlar), Simon Marçiniak (Polşa), Antonio Mateu Laos (Ispaniýa), Maýkl Oliwer (Angliýa), Daniele Orsato (Italiýa), Daniel Sibert (Germaniýa), Antoni Teýlor (Angliýa), Klemen Turpen (Fransiýa), Slawko Winçiç (Sloweniýa).



## Dünýä Kubogynyň rekordlary (4)



- ☑ Iň köp tomaşaçyly duşuşyk: Urugwaý – Braziliýa (16.07.1950) – 199 854 tomaşaçy («Maracana Stadium», Rio–Braziliýa)
- ☑ Iň köp tomaşaçyly final duşuşygy: Argentina – G. Germaniýa (29.06.1986) – 114 600 tomaşaçy («Estadio Azteca», Mehiko Siti-Meksika)
- ☑ Iň az tomaşaçyly duşuşyk: Rumyniýa – Peru (14.07.1930) – 300 tomaşaçy («Estadio Pocitos», Montewideo-Urugwaý)
- ☑ Ortaça iň köp tomaşaçyly çempionat: ABŞ 1994 – 68 991 tomaşaçy
- ☑ Iň köp tomaşaçynyň gatnaşan çempionaty: ABŞ 1994 – 3 570 000 tomaşaçy
- ☑ Ortaça iň az tomaşaçyly çempionat: Italiýa 1934 – 23 235 tomaşaçy
- ☑ Iň az tomaşaçyly çempionat: Italiýa 1934 – 390 000 tomaşaçy
- ☑ Iň köp het-trigiň hasaba alnan çempionaty: Şweýsariýa 1954 – 8 het-trik
- ☑ Hiç hili het-trigiň hasaba alynmadyk çempionaty: Germaniýa 2006
- ☑ Yzly-yzyna iň köp duşuşykda ýeňiş gazanan ýygyndy: Braziliýa – 11 ýeňiş (2002 – 2006)
- ☑ Yzly-yzyna iň köp duşuşykda ýeňilmedik ýygyndy: Braziliýa – 13 oýun (1958 – 1966)
- ☑ Yzly-yzyna iň köp duşuşykda utulan ýygyndy: Meksika – 9 ýeňliş (1930 – 1958)
- ☑ Yzly-yzyna iň köp duşuşykda deňme-deň oýnan ýygyndy: Belgiýa – 5 deňlik (1998 – 2002)
- ☑ Yzly-yzyna iň köp duşuşykda ýeňiş gazanyp bilmedik ýygyndy: Bolgariýa: 17 oýun (1962 – 1994)
- ☑ Yzly-yzyna iň köp duşuşykda azyndan 1 gol geçiren ýygyndy: Braziliýa (1930 – 1958) bilen Germaniýa (1934 – 1958) – 18 oýun
- ☑ Yzly-yzyna iň köp duşuşykda gol geçirip bilmedik ýygyndy: Boliwiýa (1930, 1950, 1994), Alžir (1986, 2010), Gonduras (1982, 2010, 2014) – 5 oýun
- ☑ Yzly-yzyna iň köp duşuşykda gol geçirtmedik ýygyndy: Italiýa (1990), Şweýsariýa (2006, 2010)
- ☑ Iň köp kart görkezilen duşuşyklar: Kamerun – Germaniýa (2002), Portugaliýa – Niderlandlar (2006) – 16 kart.



Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# ARATAPAWUT 9 UTUGA ÝETDI

Türkmenistanyň milli futbol çempionatynda 18-nji tapgyrda sanawyň lideri «Ahal» öz meýdançasynda «Şagadam» toparyndan 3–1 üstün çykdy. Duşuşykda «Ahal» toparynyň gollarynyň 2-sini 22-nji we 66-njy minutlarda Didar Durdyýew, beýlekisini-de 49-njy minutda penaltiden Elman Tagaýew geçirdi. «Şagadamyň» ýeke-täk goluny 59-njy minutda Elýas Akyýew öz adyna ýazdyrdy. «Altyn asyr» «Köpetdagy» (Altymyrat Annadurdyýew 54 p), 9 oýunçynyň sary kart alan duşuşygynda-da «Energetik» «Aşgabat» toparyny (Ruslan Piriýew 45+2) 1-0 hasaplar bilen ýeňlişe sezewar etdi. Bürünç medal ugrunda göreşýän «Merw» myhmançylykda «Nebitçini» 2-1 hasabynda ýeňmegi başardy. Duşuşykda «Merwiň» gollaryny Alibek Abdyrahmanow (23) bilen Toýly Goçnazarow (47), «Nebitçiniň» ýeke-täk pökgüsini-de Arslan Ýollyýew (45+1) derwezä girizdi.



19-njy tapgyrda «Ahal» myhmançylykda «Köpetdagdan» 2–0 üstün çykmagy başardy. Sanawyň ýeňlişsiz liderine ýeňiş getiren gollary 33-nji minutda Serdar Geldiýew bilen 77-nji minutda Elman Tagaýew geçirdi. Myhmançylykda «Merw» bilen duşuşan «Altyn asyr» soňky minutlarda ýeňlişden halas boldy. 63-nji minutda Alibek Abdyrahmanowyň goly bilen öňe saýlanan «Merwiň» derwezesinden hasaby deňlän goly 90+5-nji minutda Zafar Babajanow girizdi (1–1). «Şagadam» öz meýdançasynda «Energetik» bilen duşuşyp, Yhlas Magtymowyň gollary (24, 77) esasynda 2–0 hasabynda ýeňiş gazandy. «Aşgabat» topary 3 utugy 3 gol bilen gazanyp, paýtagtlylar öz meýdançasynda «Nebitçini» 3–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Duşuşykda ýeňiş gazanan toparyň gollaryny 2-nji minutda Pirmyrat Sultanow bilen 54-nji we 80-nji minutlarda Merdan Muhadow geçirdi. Şeýlelikde, 19-njy tapgyrdan soň «Ahal» topary «Altyn asyryň» utuk ýitirmegi bilen aratapawudy 9 utuga çykardy. 20-nji tapgyryň duşuşyklary 13-nji we 14-nji noýabrda geçiriler: «Energetik»–«Nebitçi», «Ahal»–«Merw», «Şagadam»–«Köpetdag» hem-de «Altyn Asyr»–«Aşgabat».

**TÜRKMENISTANYŇ MILLI ÇEMPIONATY**

| Or. | | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | | «AHAL» | 19 | 16 | 3 | 0 | 64–13 | 51 |
| 2 | | «ALTYN ASYR» | 19 | 12 | 6 | 1 | 31–10 | 42 |
| 3 | | «MERW» | 19 | 9 | 3 | 7 | 28–25 | 30 |
| 4 | | «KÖPETDAG» | 19 | 9 | 1 | 9 | 31–31 | 28 |
| 5 | | «ŞAGADAM» | 19 | 7 | 4 | 8 | 31–29 | 25 |
| 6 | | «AŞGABAT» | 19 | 6 | 1 | 12 | 22–29 | 19 |
| 7 | | «ENERGETIK» | 19 | 4 | 3 | 12 | 12–40 | 15 |
| 8 | | «NEBITÇI» | 19 | 2 | 1 | 16 | 22–64 | 7 |

# Moto GP-de täze çempion

Moto GP boýunça 2023-nji ýylyň çempiony möwsümiň iň soňky bäsleşiginde belli boldy. Möwsümiň soňky ýaryşy Ispaniýanyň Walensiýa şäherinde geçirildi. Rikardo Tormonyň adyny göterýän trassada geçirilen ýaryşda 8-nji orny eýelän «Ducati Lenovo» toparynyň italýan sürüjisi Franţesko Banaia çempion bolmagy başardy. Bu ýaryşda 8 utuk gazanyp, utuklarynyň sanyny 265-e ýetiren Banaia karýerasy boýunça ilkinji gezek Moto GP-de çempion boldy. 25 ýaşyndaky sürüji geçen ýylyň çempiony we sanawda 2-nji ýerdäki fransiýaly Fabio Kuartararodan 17 utuk öňe saýlandy. «Monster Energy Yamaha» toparynyň sürüjisi Kuartararo soňky ýaryşda 4-nji orny eýelese-de, bu oňa çempionlyk üçin ýeterlik bolmady. Şunlukda, Banaia Moto GP-de çempion bolan 29-njy sürüji, şol sanda 7-nji italiýaly pilot hökmünde hasaba alyndy. Moto GP-de möwsümi Kuartararo 2-nji, «Ducati Gresini Racing» toparynyň italýan sürüjisi Enea Bastianini (219 utuk) 3-nji orunda tamamlady. Şu möwsümde Banaia 7, Kuartararo 3, Bastianini 4 ýaryşda ýeňiş gazandy.



Walensiýa «Gran Prisinde» «Suzuki Ecstar» toparynyň ispaniýaly sürüjisi Aleks Rins ýeňiş gazanyp, bu onuň şu möwsümdäki 2-nji, karýerasyndaky 5-nji ýeňşi boldy. Ol 27 aýlawy 41 minut 22,250 sekuntda geçmegi başardy. Ýaryşda «Red Bull KTM» toparynyň Günorta afrikaly sürüjisi Bred Baýnder 2-nji, «Ducati Pramac Racing» toparynyň ispan sürüjisi Horge Martin 3-nji orny eýeledi.

## Çempionlar Ligasynda 1/8 finalyň bijeleri çekildi:
# «Liwerpul» – «Real Madrid», PSŽ – «Bawariýa»

UEFA Çempionlar Ligasynda 1/8 finalyň bijeleri çekildi. Bijä laýyklykda, finalda gabatlaşmagyna garaşylýan toparlaryň 4-si özara bije çekişdi. Başgaça aýdylanda, läheňleriň 4-si irki finalda duşuşarlar. Geçen ýyl finalda duşuşan 2 topar bu gezek juda ir, 1/8 finalda gabatlaşmaly bolarlar. Ýagny «Liwerpulyň» bijesine «Real Madrid» çykdy. Iki topar mundan ozal telim gezek duşuşdy. Edil şonuň ýaly mundan öň ençeme gezek özara duşuşan PSŽ bilen «Bawariýanyň» ýoly bu gezek 1/8 finalda gabatlaşdy. Futbol janköýerleri üçin wagtyndan öňki final hasaplanýan bu duşuşyklara sabyrsyzlyk bilen garaşylýar. Bu 2 duşuşyk çempionlygyň esasy dalaşgärlerinden görkezilýän toparlaryň 2-siniň çärýek finala-da çykyp bilmejekdigini aňladýar. «Mançester Siti» «Leipsig» bilen, «Napoli» «Aýntraht» bilen bije çekişdi. Milan şäheriniň wekilleri – «Milan» çärýek finala çykmak üçin «Tottenham» bilen, «Inter» bolsa «Porto» bilen güýç synanyşar. «Klub Brýugge» bilen «Benfika», «Borussiýa Dortmund» bilenem «Çelsi» ilkinji gezek duşuşarlar.



1/8 finalyň 1-nji duşuşyklary geljek ýylyň 14–15-nji hem-de 21–22-nji fewralynda oýnalar. Jogap duşuşyklary bolsa 7–8-nji hem-de 4–15-nji martda geçiriler.

**UEFA Çempionlar Ligasy 1/8 finalyň duşuşyklary:**

**«Milan» — «Tottenham»**
**«Pari Sen-Žermen» —«Bawariýa»**
*(14-nji fewral, 8-nji mart)*

**«Klub Brýugge» — «Benfika»**
**«Borussiýa Dortmund» — «Çelsi»**
*(15-nji fewral, 7-nji mart)*

**«Aýntraht» — «Napoli»**
**«Liwerpul» — «Real Madrid»**
*(21-nji fewral, 15-nji mart)*

**«Leipsig» — «Mançester Siti»**
**«Inter» — «Porto»**
*(22-nji fewral, 14-nji mart)*

## «Barselona» bilen
# «Mançester Ýunaýted» duşuşar

UEFA Ýewropa Ligasynda 1/8 finala çykjak 8 kluby kesgitleýän pleý-off tapgyrynyň bijeleri çekildi. Çempionlar Ligasynyň klublaryny özünde jemleýän ýaryşyň pleý-off tapgyrynda «Barselona» «Mançester Ýunaýted» bilen bije çekişdi. «Ýuwentusyň» bijesine «Nant» düşen bolsa, «Aýaks» bilen «Union Berlin» 1/8 finala çykmak ugrunda göreşerler. «Baýer» bilen «Monakonyň», «Sewilýa» bilen PSW-niň, «RB Salsburg» bilenem «Romanyň» özara duşuşyklary-da pleý-offuň beýleki esasy duşuşyklary bolar.



Şeýle-de, UEFA-nyň täze ýaryşy Ýewropa Konferensiýa Ligasynda-da pleý-off tapgyrynyň bijeleri çekildi. «Lasio» bilen «KFR Kluž», «Braga» bilenem «Fiorentina» klublary bije çekişdi. Ýewropa Ligasynyň hem-de Konferensiýa Ligasynyň pleý-off tapgyrynyň duşuşyklary geljek ýylyň 16-njy we 23-nji fewralynda oýnalar. Ýeňiş gazanan toparlar 1/8 finala çykarlar. 1/8 finalyň bijeleri bolsa 24-nji fewralda çekiler.

**Ýewropa Ligasy pleý-off tapgyryň duşuşyklary (16-njy — 23-nji fewral):**
«Barselona» – «Mançester Ýunaýted»
«Ýuwentus» – «Nant»
«Sporting» –«Midtýulland»
«Şahtýor Donesk» – «Renn»
«Aýaks» – «Union Berlin»
«Baýer» – «Monako»
«Sewilýa» – PSW
«RB Salsburg» – «Roma»

**Konferensiýa Ligasy pleý-off tapgyryň duşuşyklary (16-njy — 23-nji fewral):**
«Garabag» – «Gent»
«Trabzonspor» – «Bazel»
«Lasio» – «KFR Kluž»
«Bodo-Glimt» – «Leh Poznan»
«Braga» – «Fiorentina»
«AEK Larnaka» – «Dnepr-1»
«Şerif» – «Partizan»
«Ludogores» – «Anderleht»




# HEPDÄNIŇ ESASY DUŞUŞYKLARY

● Ýewropanyň öňdebaryjy çempionatlarynda şu hepdedäki tapgyrdan soň Dünýä Kubogy sebäpli käbir ligalarda dekabryň aýagyna, käbirlerinde-de ýanwaryň başlaryna çenli arakesme berler. Iki aýa golaý arakesmeden öň soňky tapgyryň esasy duşuşyklary şulardan ybarat:

**11-nji noýabr:** Borussiýa M–Borussiýa D (00:30).

**12-nji noýabr:** M. Siti–Brentford (17:30), Napoli–Udineze (19:00), Istanbul BŞ–Galatasaraý (22:00), Nýukasl–Çelsi (22:30), Şalke–Bawariýa (22:30), PSW–AZ Alkmaar (01:00).

**13-nji noýabr:** Atalanta–Inter (16:30), PSŽ–Oser (17:00), Fulham–M. Ýunaýted (21:30), Fraýburg–Union Berlin (21:30), Milan–Fiorentina (22:00), Ýuwentus–Lasio (00:45), Monako–Marsel (00:45).

## Bir sözlemde...

- Tennis boýunça zenanlaryň arasyndaky möwsümiň jemleýji ýaryşy WTA Finals-da fransiýaly Karolin Garsiýa ýeňiş gazanyp, ol finalda belarusly Aryna Sabalenkadan 7:6 we 6:4 hasaplar bilen üstün çykmagy başardy we bu ýaryşda ilkinji, karýerasy boýunça-da 11-nji kubogyny eýeledi.
- Dünýäniň iň uly 6 marafon ýaryşynyň biri bolan Nýu Ýork marafonynda (51-nji gezek geçirilýär) keniýaly ylgaýjylar ýeňiş gazanyp, erkekleriň arasynda Ewans Çebet (2 sagat 8 minut 41 sekunt), zenanlardan Şaron Lokedi (2 sagat 23 minut 23 sekunt) pellehanadan birinji bolup geçmegi başardylar.
- Möwsümiň iň soňky «Masters» ýaryşy bolan «Pariž Masters» tennis bäsleşiginde norwegiýaly Holger Rune çempionlyk gazanyp, ol finalda, bu ýerde 6 gezek kubogy eýelän serbiýaly Nowak Jokowiçi 3:6, 6:3 hem-de 7:5 hasaplar bilen ýeňlişe sezewar edip, ATP-däki 3-nji kubogyny asmana göterdi.
- Amerikanyň Milli beýsbol ligasy MLB-de «World Series» duşuşyklarynyň 6-njy oýnunda «Filadelfiýa Fillis» toparyny 4:1 ýeňip, umumy hasaby 4:2-ä ýetiren «Hýuston Astros» topary taryhyndaky 2-nji çempionlygyny gazandy (2017, 2022).


**TÜRKMENISTANYŇ «HALKBANK»**
**PAÝDARLAR TÄJIRÇILIK BANKY**

## Bagtyýar zamanamyzyň hormatly işewürleri!

Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik banky işewürlere hasaplaryny döwrebap we ýönekeýleşdirilen usulda dolandyrmaga mümkinçilik berýän **«Internet-banking»** hyzmatyny hödürleýär.

Bu hyzmat bilen ýurdumyzyň islendik künjeginden internede birikdirilen enjam arkaly:

- ✓ ***Bank hasaplarynyň galyndysyny barlamak we hasaplaryň göçürmesini almak;***
- ✓ ***Satyn alnan harytlar we ýerine ýetirilen hyzmatlar üçin hasaplaşyklary geçirmek;***
- ✓ ***Alnan karz serişdelerine gözegçilik etmek;***
- ✓ ***Bank bilen onlaýn tertipde habarlaşmak, maglumat alyşmak we beýleki bank hyzmatlaryndan peýdalanmak ýaly dürli görnüşli bank amallaryny özbaşdak ýerine ýetirip bilersiňiz.***

**«Internet-banking»** hyzmatyny birikdirmek isleseňiz Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik bankynyň merkezi edarasyna ýa-da islendik şahamçasyna ýüz tutup bilersiňiz.

Işewürler tarapyndan degişli resminamalar doldurylandan soňra, bankdan alnan ulanyjynyň adyny we açarsözüni ýörite internet-sahypadaky salgylanma girizip, bu hyzmatdan peýdalanyp bilersiňiz.

Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik bankynyň **«Internet-banking»** hyzmaty Size serişdeleriňizi günüň islendik wagtynda ygtybarly dolandyrmaga we wagtyňyzy tygşytlamaga ýardam berer.

***Habarlaşmak üçin telefon belgilerimiz:***
**44-49-60, 44-48-43, 44-48-36.**

***www.halkbank.gov.tm***

**«Halkbank» – bankyň esasy gymmatlygy müşderilerdir!**









«Zaman-Türkmenistan» gazetiniň elektron görnüşine *«turkmenmetbugat.gov.tm»* internet sahypasynda, şonuň ýaly-da onuň «Türkmenmetbugat» mobil goşundysynda «Pudak gazet-žurnallary» atly bukjany saýlap, gazetiň elektron neşirine abuna ýazylyp bilersiňiz.